«7/24.tm»: «Türkmenistan Sport» halkara žurnalynyň elektron goşundysy

№ 45 (232)
04.11.2024

TÜRKMENISTAN SPORT

ESASLANDYRYJYSY — TÜRKMENISTANYŇ BEDENTERBIÝE WE SPORT BARADAKY DÖWLET KOMITETI

7/24 tm




# AŞGABATDA GANDBOL BOÝUNÇA TÄLIMÇILER ÜÇIN HALKARA OKUW MASLAHATY WE TEJRIBE SAPAKLARY GURALDY




# HEPDÄNIŇ HABARLARY

**28.10.2024 ý.** Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýewiň hem-de welaýatlaryň häkimleriniň gatnaşmagynda iş maslahatyny geçirdi.

**28.10.2024 ý.** Türkmenistanyň Döwlet medeniýet merkeziniň Mukamlar köşgünde Ermenistan Respublikasynyň ýurdumyzdaky Medeniýet günleriniň açylyş dabarasy geçirildi.

**28.10.2024 ý.** Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Türkmenistanyň halkynyň we Hökümetiniň adyndan, şeýle hem hut öz adyndan Çehiýa Respublikasynyň Prezidenti Petr Pawele we ýurduň dostlukly halkyna Çehiýa Respublikasynyň Garaşsyzlyk güni mynasybetli mähirli gutlaglaryny, iň gowy arzuwlaryny iberdi.

**29.10.2024 ý.** Paýtagtymyzda Ermenistan Respublikasynyň Türkmenistandaky Medeniýet günleriniň ýapylyş dabarasy geçirildi. Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanyň işjeň durmuşa geçirýän medeni diplomatiýasy öz oňyn netijesini berip, dünýäniň we sebitiň ýurtlary bilen köpugurly gatnaşyklary giňeltmäge ýardam edýär.

**29.10.2024 ý.** Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Türkmenistanyň halkynyň we Hökümetiniň adyndan, şeýle hem hut öz adyndan Türkiýe Respublikasynyň Prezidenti Rejep Taýyp Ärdogana we Türkiýäniň doganlyk halkyna milli baýram — Respublika güni mynasybetli mähirli gutlaglaryny, iň gowy arzuwlaryny iberdi.

**30.10.2024 ý.** Aşgabatda Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara türkmen-rus toparynyň başlyklarynyň duşuşygy geçirildi. Duşuşykda geçen döwürde ýerine ýetirilen işleriň jemi jemlenip, ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň meseleleriniň giň toplumyna garaldy we onuň uzak möhletleýin geljege gönükdirilen ugurlary kesgitlenildi.

**30.10.2024 ý.** Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Russiýa Federasiýasynyň Hökümetiniň Başlygynyň orunbasary, Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara türkmen-rus toparynyň rus bölegininiň başlygy Alekseý Owerçugy kabul etdi.

**31.10.2024 ý.** Türkmenistanyň DIM-niň Halkara gatnaşyklary institutynda ýurdumyzyň başlangyjy esasynda BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan «Birleşen Milletler Guramasynyň oýunlary» atly Kararnamanyň kabul edilmegine bagyşlanan halkara maslahat geçirildi.

**01.11.2024 ý.** Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda döwlet durmuşynyň birnäçe meselelerine garaldy.

**www.tdh.gov.tm**

# BELENT GADAM BILEN SAGLYK ÝOLUNA



☑ 2024-nji ýylyň 2-nji noýabrynda Saglyk ýoluna köpçülikleýin ýöriş geçirildi. Bu ýöriş BMG-niň Baş Assambleýasynyň 78-nji mejlisinde Türkmenistanyň başlangyjy bilen «Birleşen Milletler Guramasynyň oýunlary» atly Kararnamanyň kabul edilmegi mynasybetli hormatly Prezidentimiziň hut öz teklibi bilen amala aşyryldy. Bu çäre jemgyýetimizde sagdyn durmuş ýörelgeleriniň berkidilmeginde, aýratyn-da, ýaşlaryň bedenterbiýe we sport bilen meşgullanmaklarynda möhüm ähmiýete eýe boldy.

Möhüm Kararnamanyň hormatyna geçirilen bu sport çäresi hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, hemmeleriň bilelikde jemgyýet bolup, sagdyn durmuş ýörelgesine eýermeginiň aýdyň nusgasydyr. Sport çäresinde döwlet Baştutanymyzyň görkezmesi netijesinde, ýylyň dowamynda halkara ýaryşlarynda gowy netije gazanyp, ýaşyl Tugumyzy belentde parladan türgenlerimiz gazanan sport üstünlikleri bilen gutlanyldy we olaryň mynasyp bolan sylaglary dabaraly ýagdaýda gowşuryldy.

Ýurdumyzyň sport abraýyny dabaralandyrýan bu möhüm çäräniň Köpetdagyň Gindiwar belentliginiň gerşinden geçýän Saglyk ýolunda guralmagy-da örän ýerine düşen ýagdaý bolup, bu gönüden-göni döwletimizde her bir işde, ilkinji nobatda, sagdyn durmuş ýörelgesine eýerilýändigi bilen berk baglydyr.

Köpçülikleýin ýöriş başlanmazyndan ozal, Türkmenistandaky diplomatik wekilhanalarynyň we halkara guramalarynyň wekilleriniň, ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň hem-de ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň işgärleriniň arasynda Saglyk ýoluny ylgap geçmek boýunça ýaryş guraldy.

Saglyk ýolunda köpçülikleýin ýöriş tamamlanandan soňra, halkara ýaryşlarynda ýeňiji bolan Türkmenistanyň milli ýygyndy toparlarynyň türgenlerini sylaglamak hem-de Türkmenistandaky diplomatik wekilhanalarynyň we halkara guramalarynyň wekilleriniň, ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň hem-de ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň işgärleriniň arasynda Saglyk ýoluny ylgap geçmek boýunça ýaryşyň ýeňijilerine baýraklary gowşurmak dabarasy boldy.

Sylaglara mynasyp bolanlar hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowa hem-de türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowa tüýs ýürekden hoşallyk sözlerini beýan etdiler hem-de dünýäniň sport giňişliginde ata Watanymyza mundan beýläk-de mynasyp wekilçilik etjekdiklerine ynandyrdylar.

Dagda gezim edýän adam bir wagtyň özünde dagyň melhemlik howasyndan ine-gana dem almak bilen birlikde, dag tebigatynyň gözelligini synlamaga-da uly mümkinçilik alýar. Bedende lezzet paýlaýjy gormonyň — endorfiniň ýokarlanmagy netijesinde, adamyň güýjüne güýç goşulyp, şadyýan ahwala düşýär. Dag ýörişiniň ýeterlik hereket talap edýändigi sebäpli, onuň bilen yzgiderli meşgullanýan adama artykmaç agramdan dynmak hem ýeňil düşýär.

Sözümizi jemläp aýdanymyzda, dag howasyndan dem alyp, dagda ýöriş etmek ynsan saglygy üçin iň peýdaly endikleriň biridir. Hormatly Prezidentimiziň başlangyjy bilen, 2-nji noýabrda Saglyk ýolunda geçirilen köpçülikleýin ýöriş hem ýurdumyzda sagdyn durmuş ýörelgesine berk eýerilýändiginiň aýdyň subutnamasydyr.

**Agamyrat ALTYÝEW,**
**Myrat Garryýew adyndaky TDLU-nyň mugallymy.**

# HALKARA TEJRIBE OKUW SAPAKLARY GEÇIRILDI

☑ Ýurdumyzyň sport durmuşynda ýene-de bir ýakymly waka bolup geçdi. Bu waka Türkmenistanyň Milli Olimpiýa komiteti, Türkmenistanyň Gandbol federasiýasy, Halkara Olimpiýa komiteti, Halkara Gandbol federasiýasynyň guramagynda Wengriýanyň Gandbol federasiýasynyň başlygy, bedenterbiýe ylymlarynyň kandidaty, doktor Zoltan Marçinkanyň gatnaşmagynda sportuň gandbol görnüşi boýunça 27 — 31-nji oktýabr aralygynda «Olympic solidarity technical course for coaches» atly tälimçiler üçin halkara okuw maslahaty we tejribe sapaklary guraldy. Görkezme sapaklarynyň biri 30-njy oktýabrda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň sport zalynda geçirildi.

Bu maslahata we tejribe sapaklaryna Aşgabat şäherinden we ýurdumyzyň welaýatlaryndan 30 sany tälimçi gatnaşdy. Munuň özi türkmen-wenger gatnaşyklarynyň has-da kämilleşmeginde, dostlukly halklaryň arasynda özara bähbitli gatnaşyklaryň mundan beýläk-de ilerlemeginde, şol sanda ýurdumyzyň tälimçileriniň tejribeleriniň, sportda gazanýan üstünliklerimiziň sanynyň artmagynda aýratyn möhüm ähmiýete eýedir. Tejribe okuw sapaklarynyň dowamynda doktor Zoltan Marçinkanyň baştutanlyk etmeginde gandbolyň tehnikasy, taktikasy we strategiýasy boýunça ýurdumyzyň gandbol boýunça tälimçilerden test alyndy we bu testden ýokary netijelere garaşylýar. Şunuň bilen birlikde institutda sport türgenleşik işleri geçirildi we birnäçe täze hereketler öwredildi.

Şol sanda Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komitetiniň 2024-nji ýylyň köpçülikleýin sport çäreleriniň maksatnamasyna laýyklykda, Aşgabat şäherinde 2025-nji ýylyň 15 — 21-nji maýy aralygynda sportuň gandbol görnüşi boýunça erkekleriň we zenanlaryň arasynda Türkmenistanyň çempionatyny geçirmek meýilleşdirilýär. Bu bolsa ýurdumyzda köpçülikleýin bedenterbiýäni we sporty ösdürmek ugrunda edilýän tagallalaryň mynasyp orun tapýandygynyň nyşanydyr.

**Saparnyýaz ILMYRADOW,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.**




# GADYMY LUKMANÇYLYK DÄPLERINIŇ DOWAMY

**Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň akademigi, lukmançylyk ylymlarynyň doktory, professor Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly köpjiltli ylmy-ensiklopedik kitabynyň XVI jildi okyjylara gowuşdy.**

☑ Köp jiltli ylmy neşiriň çap edilmegi diňe bir halkara lukmançylyk jemgyýetçiliginde däl, eýsem, giň okyjylar köpçüliginde hem uly gyzyklanma döretdi.

Alym Arkadagymyzyň saglyk taglymatynyň esasyny düzýän «Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary» atly monografiýasy, «Türkmenistan — sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy», «Türkmenistan — melhemler mekany» atly ylmy kitaplary ýaly «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly onlarça jiltli ensiklopedik işi hem dünýä dilleriniň ençemesine terjime edilip, lukmançylyk we saglyk ulgamynyň ösmegine uly goşant goşýar. Gündogar lukmançylygynyň görnükli alymlarynyň hem-de «tebigy dermanhana» yzygiderli ýüzlenýän türkmen tebipleriniň nesilden-nesle geçip gelýän iň gowy däplerine esaslanýan bu düýpli ylmy işiň üsti bilen dermanlyk ösümlikleriň, belli bir ýerlerde duş gelýän ösümlikleriň melhemlik häsiýetleri, olary ylmy we halk lukmançylygynda ulanmagyň mümkinçilikleri jikme-jik açylyp görkezilýär.

Gahryman Arkadagymyzyň «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly ylmy-ensiklopedik eserinde türkmen topragynda bitýän dermanlyk ösümlikleriň biodürlüligi, peýdaly ot-çöpleriň bejerijilik ukyby, olary ylymda we halk lukmançylygynda ulanmagyň mümkinçilikleri barada gymmatly maglumatlar berilýär.

Halk tebipçiliginde hem-de ylmy lukmançylykda köpsanly keselleriň öňüni almak we bejermek babatda giňden ulanylýan ösümlikleriň derman hökmünde ýaýradylmagynda ýurdumyzyň derman öndürýän kärhanalarynda işleriň köpüsiniň «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly ylmy-ensiklopedik işe esaslanyp alnyp barylýandygy aýratyn bellenilmäge mynasypdyr. Ýurdumyzda bitýän dermanlyk otlaryň, olardan taýýarlanylýan melhemleriňdir çaýlaryň birnäçe görnüşiniň önümçiliginiň ýola goýulmagy munuň aýdyň görkezijisidir.

**Aýna ÇOPANOWA,**
**M.Garryýew adyndaky TDLU-nyň mugallymy.**



# SAGLYK ÝOLUNDAKY DABARA

☑ «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda Aşgabat şäherinde Saglyk ýoluna köpçülikleýin ýöriş geçirildi hem-de halkara ýaryşlarynda ýeňiji bolan Türkmenistanyň ýygyndysynyň türgenlerini sylaglamak dabarasy geçirildi. Gahryman Arkadagymyzyň we hormatly Prezidentimiziň adyndan gymmat bahaly sowgatlar gowşuryldy.

Bu çäre Türkmenistanyň ýaş nesliniň saglygyny berkitmek we sporta bolan höwesini artdyrmak maksady bilen guraldy. Saglyk ýoluna köpçülikleýin ýöriş ýaşaýjylaryň sagdyn durmuş ýörelgesini saýlamaga, sport we saglyk bilen baglanyşykly möhüm ýörelgeleri berjaý etmäge ýardam edýär.

Bu çäreler halkara ýaryşlarynda ýeňiji bolan türgenleri sylaglamak, olary täze üstünliklere höweslendirmek we sportuň döwlet derejesindäki ähmiýetini görkezmek üçin möhüm bir başlangyçdyr. Şeýle çäreler ýaşlary sport bilen meşgullanmaga höweslendirmek bilen bir hatarda, ýurdumyzyň abraýyny ýokarlandyrmaga hem hyzmat edýär. Sport jemgyýetiň berkligini we saglygyny berkitmek üçin möhümdir, şonuň üçin şeýle çäreleriň guralmagy Türkmenistanda sportuň ösüşini we döwrebaplaşmagyny üpjün etmäge ýardam edýär.

**Annageldi BÄŞIMOW,**
**Döwletmämmet Azady adyndaky TMDDI-niň magistranty.**

# HEMME DÖWRÜŇ ŞAHYRY

☑ Hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary we başlangyçlary netijesinde Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwri türkmen halkynyň taryhynda, jemgyýetiň we halkyň ýaşaýyş-durmuşynyň ähli ugurlarynda — ykdysadyýetde, syýasatda, medeniýetde, sungatda, ylymda, bilimde täze bir ösüşli eýýamyň başlangyjy boldy. Gadymy we müdimi taryhymyza, milli-ruhy gymmatlyklarymyza, akyldar şahyrlarymyzyň edebi-ylmy döredijiligine uly sarpa goýýan Gahryman Arkadagymyz: «Türkmen edebiýatynda çuňňur halk parasatlylygyny beýan edip, ajaýyp eserleri peşgeş beren ussatlar az däl» diýip, nusgawy şahyrlarymyzyň, aýratyn hem, akyldar şahyr Magtymguly Pyragynyň döredijiligine ýokary baha berýär. Onuň eserleri türk, özbek, rus, gazak, gyrgyz, azerbaýjan, täjik, tatar we ukrain ýaly halklaryň arasynda-da söýlüp okalýar. Şonuň üçin hem onuň döredijiligi dünýä halklarynyň arasynda uly hormata eýedir.

Magtymguly Pyragy jahankeşdelik etmegi gowy görüpdir. Ol köp ýerleri gezip görmekligi arzuwlap, muny öz goşgularynda hem beýan edipdir. Şahyryň jahankeşdeligi, syýahatçylygy barada maglumatlaryň aýratyn bir sebäbi bar diýen çaklama köp wagtdan bäri onuň ömrüni — döredijiligini çuňňur öwrenýän alymlarymyzyň arasynda gymmatyny ýitirmän gelýän jedelli meseledir. Şahyryň şygyrlaryny ürç edip okasaň, onuň şeýledigine aýdyň göz ýetirýärsiň. Bir söz bilen aýdylanda, Magtymguly Pyragy türkmen halkynyň baý edebi mirasyny öwrenip, halkyň paýhasa ýugrulan eserlerini döredip, külli türkmeniň milli şahyryna öwrüldi.

**Nartäç ŞAMEDOWA,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň mugallymy.**

# HALKARA TÄLIMÇI BILEN SÖHBET

**Türkmenistanyň Milli Olimpiýa komitetiniň, Türkmenistanyň Gandbol federasiýasynyň, Halkara Olimpiýa komitetiniň, Halkara Gandbol federasiýasynyň bilelikde guramagynda Wengriýanyň Halkara Gandbol federasiýasynyň lektory, bedenterbiýe ylymlarynyň kandidaty, doktor Zoltan Marçinkanyň gatnaşmagynda «Olympic solidarity technical course for coaches» ady bilen sportuň gandbol görnüşi boýunça tälimçiler üçin halkara okuw maslahaty we amaly-tejribe sapaklary geçirildi. Zoltan Marçinka ilki bilen Türkmenistana gelmeginiň sebäbini gürrüň berdi:**

— Meniň Türkmenistana gelmegimiň esasy maksady, bu ýerde türkmen tälimçileri bilen tejribämi paýlaşmakdan we iki ýurduň arasyndaky halkara dostlukly gatnaşyklary mundan beýläk-de pugtalandyrmaga goşant goşmakdan ybaratdy. Amaly-tejribe sapaklarynyň dowamynda türkmen tälimçilerine bedeni berkitmek üçin ýerine ýetirilýän erkin maşklaryň täsirinde türgeniň bedeninde bolup geçýän fiziki hadysalary, bedeni oýna girişmezden ozal nähili taýýarlamalydygy, olaryň ynsan saglygyna ýetirýän peýdasy barada pikir alyşdyk. Oýunda nähili we nädip topar gurmalydygy, olaryň oýun wagtynda durmaly ýerleri we hereketlerini görkezdim. Şonuň bilen birlikde 36 sany temanyň üstünde durup geçdim. Haçan-da şol temalary düşündirenimde her bir tälimçi hem ýazuw sapagyny geçmegi hem-de amaly sapklary geçmegi başarmaly.

Biz irden sapak geçdik, şol sapagyň dowamynda tälimçilerden gandbol boýunça test aldym. Bu testiň netijeleri ýokary görkezijileri görkezendigi üçin olara Halkara Gandbol federasiýasynyň «D» derejeli şahadatnamasyny gowşurarys. Sapagyň we çäräniň dowamynda türkmen tälimçileriniň gandbola bolan höwesiniň diýseň ýokarydygyny gördüm. Bu bolsa meni begendirdi.

**Halkara derejeli tälimçiden erkekleri we zenanlary türgenleşdirmegiň aýratynlyklary hakynda soranymyzda, ol şeýle jogaby berdi:**

— Erkekler bilen zenanlar fiziki maşklary ýerine ýetireninde tapawut döräp bilýär. Zenanlar maşklary ýeňillik bilen ýerine ýetirýärler. Bu bolsa olaryň çeýeligini artdyrýar. Erkeklere az wagtlyk maşk etdirmeli, ýöne olar kynrak maşklary berjaý etseler, bedenleriniň tiz berkemegini üpjün edýär.

**Soňra doktor Zoltan Marçinka öz durmuşy we hünär ýoly barada aýdyp berdi:**

— Meniň aslym wengriýaly. Ýaşlykdan sportuň gandbol görnüşini halandygym üçin ýörite sport mekdebine gatnadym. Soňra Wengriýanyň Sport we ylym uniwersitetiniň Bedenterbiýe fakultetini tamamladym. Birnäçe ýyllardan soň tälim bermäge başladym. Ilki bilen 6–10 ýaşly çagalary türgenleşdirdim. Soňra taýýarlan şägirtlerim bilen 2003-nji ýylda gandbol boýunça Ýewropanyň çempionatyna gatnaşdym. Ýaryşda ilkinji gezek kümüş medala mynasyp bolduk. Häzir bolsa erkekler bilen bir hatarda zenanlary hem türgenleşdirýärin. 25 ýyllyk tälimçilik tejribäm bar. Häzir uniwersitetde dosent derejesini aldym. Meniň elimden ýokary derejeli tälimçi adyny almak üçin meniň üç ýyllyk sapaklaryma gatnaşmaly. Şonda synagdan geçmegi başaranlar ýokary derejeli tälimçi bolup bilerler.

**Tejribeli tälimçiden gürrüňdeşligiň dowamynda Türkmenistanda gandbol oýnunyň ösüşi baradaky pikirlerini paýlaşmagyny haýyş etdik.**

— Türkmenistana ilkinji gezek geldim. Bu ýurt mende diýseň uly täsir galdyrdy. Aşgabat şäheriniň Halkara howa menziline gelenimden, şäheriň gözelligi we tämizligi özüne çekdi. Beýle ajaýyp şäher dünýäde kän däldir diýip aýdyp biljek. Beýik binalaryň ählisiniň ak mermerden gurulmagy täsin sazlaşygy emele getiripdir. Şäheriň ýene-de bir aýratynlygy hökmünde arassalygyny we ajaýyp howasyny nygtap bilerin. Bu bolsa halkyň saglygyny berkidýär. Şonuň bilen birlikde guramaçylyk işleri ýokary derejede ýola goýlupdyr.

Aşgabatda etmeli işlerimiň gaty köplügi sebäpli, şäheri doly synlap ýetişmedim. Emma bu ýagdaý maňa Türkmenistanyň durnukly ösýän ýurtdugyna göz ýetirmäge päsgel bermedi. Türkmenistandaky sport desgalarynyň şol sanda Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň uly binasyny, ol ýerde ornaşdyrylan innowasion enjamlaryň dünýä ülňülerine laýyk gelýändigini synladym.

Gandbol boýunça aýdanymyzda, bu ýerde sporta uly üns berilýän eken. Türkmen tälimçileri ýokary görkezijileri bilen tapawutlanýarlar. Şonuň üçin hem biz türkmen türgenlerinden uly üstünliklere garaşýarys.

**Doktor Zoltan Marçinka söhbetdeşligiň ahyrynda ýürek buýsançlaryny aýtdy:**

— Elbetde, bu zatlary görenimden soňra ýürek buýsançlarymy aýtman bolmaz. Türkmen-wenger gatnaşyklaryny ösdürmekde taýsyz tagallalary alyp barýan Türkmen halkynyň Milli Liderine we Türkmenistanyň Prezidentine köp sagbolsunlarymy aýdýaryn.

**«Türkmenistan Sport»**
**halkara žurnaly.**



# КНИГА УВАЖАЕМОГО ПРЕЗИДЕНТА —

## ТЕОРЕТИЧЕСКАЯ ОСНОВА ИЗУЧЕНИЯ ИСТОРИИ И СЕГОДНЯШНЕГО РАЗВИТИЯ НАШЕЙ РОДИНЫ

☑ История человечества немало знает таких книг, которые дали толчок новому мышлению об общественном самосознании народов нашей Земли. В эру возрождения новой эпохи могущественного государства в качестве подобных книг выступают книги нашего Героя Аркадага и уважаемого Президента, которые посейдень становятся для каждого из нас ценным руководством и научно-методическими пособиями в каждом деле, в каждом новом начинании.

Книга нашего уважаемого Президента «Анау – культура из глубин тысячелетий» привлекает внимание наших сверстников, студентов и молодежи к чтению книг, которые освещают прошедшую, настоящую, и будущую историю нашего народа, нашей любимой Родины. Исходя из этого, мы хотим сделать акцент на том, что это прекрасное произведение дает новый импульс, новую теоретическую основу для изучения истории и развития нашей Родины.

Наш уважаемый Президент собрав в одном месте всё, что было сделано туркменскими учеными и их иностранными коллегами в течение долгих лет по изучению туркменской земли, даёт обобщающий материал читателям, отметив: «Считаю очень символичным совпадением, что Анау объявлен культурной столицей тюркского мира именно 2024 года, когда исполняется ровно 120 лет знаменитым археологическим открытиям в Анау»

120 лет назад, в 1904 году в Анау были проведены археологические раскопки, которые дали науке множество уникальных находок и ценных материалов. То, что в книге отмечается одна такая деталь, заслуживает уделить больше внимания. Глава государства отмечает, что: «Кроме того, исследователями зафиксировано устройство специальных глиняных суф для сиденья и отдыха, а также «мебель», напоминающая столы».

Наш уважаемый Президент пишет, что: «По мнению археологов, эта традиция уходит своими корнями в глубочайшую древность: в результате археологических раскопок, проведённых под руководством археолога Натальи Соловьевой на памятнике «анауской культуры» Йылгынлы депе была выявлена идентичная «мебель» эпохи энеолита (V тысячелетие до нашей эры)».

Читая этих строки сама собой напрашивается мысль о том, что: «Не у нас ли была придумана эта так называемая «мебель», то есть рабочий стол и настольный вариант работы и учебы еще в далёком прошлом». Так или иначе, мы знаем одну неизменную истину: наша туркменская земля является родиной древних цивилизаций, культуры, науки, разных ремёсел и традиций. Анау, туркменская земля – родина белой пшеницы, Анау – это Багабад – «Вечный сад», «Город-сад», Анау – это родина туркменской архитектурной культуры, национальной поэзии, и музыки. Анау – это неотъемлимая часть Родины Махтумкули, то есть туркменской земли.

Наше дело изучать и представлять для широкого круга читателей эти сокровища на высоком уровне. И в этом благородном деле нам снова показывает правильный путь книга нашего уважаемого Президента Сердара Бердымухамедова «Анау – культура из глубин тысячелетий».

Мы – нынешнее счастливое поколение «Возрождения новой эпохи могущественного государства», от всей души благодарны нашему Герою-Аркадагу и уважаемому Президенту за предоставляемые возможности в сфере образования, а также научных и творческих исследований.

**Сельби БЯШИМОВА,**
**студентка Туркменского государственного института физической культуры и спорта по специальности спортивной журналистики.**

# BAGTYÝARLYK DÖWRÜNE SEÝRANA GEL PYRAGY

☑ «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda akyldar şahyrymyzyň 300 ýyllyk toýuna bagyşlanyp geçirilýän çäreleriň yzy üzülenok. Şeýle çäreleriň biri Türkmenbaşy etrabynyň 1-nji orta mekdebinde geçirildi. «Bagtyýarlyk döwrüne seýrana gel Pyragy» atly şygryýet bäsleşiginde mekdep okuwçylary beýik akyldara bagyşlanan goşgularyny okadylar. Mekdebiň mugallymlary Magtymguly Pyragynyň pähim-paýhasa ýugrulan şygyrlarynyň, döredijiliginiň öwrenilişi barada gürrüň berdiler. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýaşlary päk ahlakly, edepterbiýeli, ilhalar adamlar edip ýetişdirmek, olary belent watançylyk ruhunda terbiýelemek bilim işgärleriniň esasy wezipesi bolup durýar.

Çäräniň ahyrynda milli edebi mirasymyzy öwrenmek baradaky aladasy üçin Gahryman Arkadagymyza, hormatly Prezidentimize hoşallyk bildirdiler hem-de Magtymgulynyň döredijiligini wagyz etmek üçin tagallalaryny gaýgyrmajakdyklaryny aýtdylar.



**Şemşat ARAZMÄMMEDOWA,**
**Kärdeşler arkalaşyklarynyň Türkmenbaşy etrap birleşmesiniň baş hasapçysy.**

# TABAGYNDA AŞ EÝLE, MYHMAN GÖWNÜN HOŞ EÝLE

☑ Türkmen halkynyň aňyna we ruhuna berk ornaşan «türkmen bedewleri», «türkmen halylary» diýen düşünjeler ýaly, «türkmen saçagy» diýen jümle hem çuň mana, aýratyn sazlaşyga eýedir. Türkmenler uzak taryhy ýoly geçip, hakyky dörediji halk hökmünde öz ýaşaýyş-durmuşyny ajaýyp gymmatlyklar bilen baýlaşdyrmagy başardylar. Türkmen durmuşynyň içinden eriş-argaç bolup geçýän, müňýyllyklara barabar däp-dessuryny özünde jemläp, türkmen saçagy topragymyzyň we halkymyzyň sahawatlylygynyň, hoşniýetliliginiň, myhmansöýerliginiň bereketli çeşmesine öwrüldi.

Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen neşir edilen «Bereketli türkmen saçagy» atly kitapda maşgala desterhanynyň, myhman garşylamagyň dabaraly däpleri we kadalary giňişleýin beýan edilýär. Myhmansöýerlik däpleri türkmenlerde özboluşly, aýratyn häsiýete eýedir. «Gelen — döwlet» diýen pederlerimiz myhmanyň gelmegini «Allanyň ýalkamagy» diýip düşünipdirler. Köpasyrlyk taryhyň dowamynda özboluşly mertebe ýörelgesi bolup hyzmat eden milli myhmansöýerligiň we açyklygyň mizemez däpleri kadalar ýygyndysynyň döremegine uly täsir edipdir. Ol adamyň myhmançylykda we myhman garşylanda özüni alyp barmagyň, saçagy bezemegiň, baýramçylyk naharyny taýýarlamagyň we saçaga äbermegiň düzgünlerini jikme-jik beýan edipdir.

Öňki döwürlerde myhmana hödür-kerem çal, gatyk ýaly önümlerden başlanypdyr. Soňy bilen bu däbiň ýerini çaý eýeläpdir. «Birinji käse suw, ikinji çaý, üçünji käse bolsa göwnejaý» diýen pähimli sözlere eýerilip, çaý howlukman üç gezek gaýtarylýar. Şeýdip, çaý demini alýar, tagamyna tagam, reňkine reňk goşýar.

Nesilden-nesle geçip gelýän durmuş ýörelgeleriniň, özüňi alyp barmagyň, naharlanmagyň, çaga terbiýelemegiň düzgünleriniň jemlenen ýeri bolan maşgala türkmen halkynyň iň beýik gymmatlygydyr. Aslyýetinde, türkmen desterhany türkmen maşgalasynyň özi diýmekdir, ol däp-dessurlaryň giden bir ulgamyny özünde jemleýär, şol däp-dessurlar bolsa barha baýlaşýar.

Türkmen maşgalasynda günde üç gezek naharlanmak däbi saklanylýar. Ertirlik we günortanlyk nahar wagtynda käbir kadadan çykmalara ýol berilse-de, agşamlyk naharynda ähli maşgala agzalarynyň jemlenmegi hökmany hasaplanylýar.

Maşgalada çörege aýawly çemeleşmek, ony hormatlamak terbiýesine aýratyn üns berilýär. Çörek owuntygyny ýere gaçyrmak, ony basmak, zyňmak «uly günä» diýlip düşünilse, tagama duzy gereginden artyk atmak, onuň duzy kem diýip aýtmak ýa-da nahara at dakmak türkmençilikde edepsizlik hasaplanylýar.

Halk aşhanasyna ygrarlylyk, ilkinji nobatda, asyrlaryň dowamynda kämilleşdirilen, ene topragyň hoşboý ysyny we adam elleriniň zehinini özüne siňdiren tagamlara goýulýan beýik hormat bilen düşündirilýär. Şu jähetden türkmen milli tagamlary halkymyzyň milli medeniýetiniň aýrylmaz bölegidir.

**Maýa BEKNAZAROWA,**
**Myrat Garryýew adyndaky TDLU-nyň Jemgyýeti öwreniş ylymlary kafedrasynyň mugallymy.**

# GÜÝÇLENDIRIJI IÇGI TAÝÝARLAMAK

☑ Adam bedeniniň saglygyny dikeltmekde dermanlyk ösümliklerden taýýarlanylýan içgileriň peýdasy uludyr. Öý hojalygynda bedewiň aýratyn orny bolupdyr. Mälim bolşy ýaly, bedewiň güýçli bolmagy üçin ony süle bilen hem bakyp bejerýärler. Şundan ugur alyp, geçmişde süleden gaýnadylan içgini at ýaly güýçli bolmak üçin hem içipdirler. Bu içgi häzirki zaman sport lukmançylygynda hem türgenleriň fiziki işjeňligini gaýtadan dikeldiji serişde hökmünde ulanylýar.

Häzirki zaman bejeriş lukmançylygynda süleden gaýnadylyp taýýarlanan içgi sary getirme we beýleki bagyr kesellerini bejermekde hem ulanylýar. Iki ýa-da üç käse möçberindäki sowuk suwa ýuwlan süle 1 litr suwda gaýnadylýar. Soňra ol hasa bilen süzülip, suwy alynýar. Gaýnadylan süle däneleriniň üstüne ýene-de ony gaýnatmakdan alnan suwy däneleriň üsti doly ýapylýança guýulýar we 5 — 10 sagatlap goýulýar. Soňra dänäni gaýnatmakdan alnan suw bilen demleme suwlaryny hasadan geçirip garmaly we sowadyjyda saklamaly.

Taýýar bolan içgini okuw türgenleşikleriniň dowam edýän döwründe günde 2 gezek: türgenleşmelerden öň we soň ýarym ýa-da 1 stakan möçberinde içmelidir.

**Aýbölek ANNAGELDIÝEWA,**
**TDBSI-niň Sportuň mediki-biologiki üpjünçiligi kafedrasynyň mugallymy.**

# ASHGABAT CELEBRATES 79th ANNIVERSARY OF UN FORMATION



☑ In the building of the UN representative office in Ashgabat, the 79th anniversary of the entry into force of the United Nations Charter was celebrated. Leaders and representatives from the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan, the UN Resident Coordinator in Turkmenistan, heads, and staff of UN agencies in Ashgabat gathered in the office. The attendees discussed the role of the UN as an authoritative and legitimate universal international forum, a guarantor of peace preservation and maintenance, as well as a balance of interests on the international stage.

In his speech, the Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan, Rashid Meredov, noted the effectiveness and key vectors of Turkmenistan's constructive cooperation with the UN. It was emphasized that at the initiative of Turkmenistan, the UN General Assembly adopted 27 resolutions on various topics, such as supporting regional security, strengthening peace, ensuring sustainable development, and overcoming challenges related to climate change, among others.

In particular, it was noted that on October 24, the day of the UN's founding, during the 25th plenary session of the 79th session of the UN General Assembly, the resolution «Zone of Peace, Trust, and Cooperation in Central Asia» was unanimously adopted at the initiative of Turkmenistan, co-authored by 37 UN member states, including all of Turkmenistan's neighbors: the Central Asian countries, Azerbaijan, Iran, and Afghanistan.

The head of the foreign affairs ministry reported on preparations for the upcoming meeting of the «Turkmenistan – UN» Strategic Advisory Council, established with the support of the President of Turkmenistan, during which specific steps for interaction with the UN in the upcoming period will be discussed.

**Translated by Enar SAPARMYRADOVA, a student, S.A. Niyazov Turkmen Agricultural University**

# ТУРКМЕНСКИЙ МАНАТ – ОСНОВА РАЗВИТИЯ СТРАНЫ

**В преддверии 31-й годовщины введения в обращение национальной валюты – туркменского маната, в финансово-банковском комплексе города Аркадаг состоялось заседание специалистов финансово-экономической сферы города государственного значения. Девиз мероприятия – «Туркменский манат – основа развития страны», и в этом торжественном собрании также приняли участие артисты городского управления культуры и учащиеся Специализированной школы искусств имени Сахы Джепбарова г. Аркадаг. Организаторами мероприятия выступили хакимлик и филиал Национального центра профсоюзов Туркменистана города Аркадаг.**

**Введение государственной валюты явилось важным шагом на пути становления независимости Туркменистана, одним из ключевых факторов утверждения его суверенным и полноправным членом международного сообщества. За прошедшие годы национальный манат сыграл огромную роль в успешном достижении намеченных рубежей социально-экономического развития.**

**В эру Возрождения новой эпохи могущественного государства туркменский национальный манат обеспечивает динамичное развитие экономики, улучшение материальных и бытовых условий населения. Перед банковской системой страны стоят важные задачи в развитии национальной экономики.**



# HÜNÄR BAÝRAMYNA BAGYŞLANDY

## ÝAŞLAR BÄSLEŞDILER

**Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň gurluşyk, energetika, jemagat hojalygy we senagat pudaklary ösýär, ylmy-tehniki innowasiýalar uly üstünlikler gazanýar. Öndürilýän önümleriň we edilýän hyzmatlaryň möçberi günsaýyn artýar. Täze belentliklere ýetmekde gurluşyk we senagat toplumynyň işgärleriniň halal we tutanýerli zähmetini dabaralandyrmak maksady bilen ýurdumyzda her ýylyň 3-nji noýabrynda Gurluşyk we senagat toplumynyň işgärleriniň güni dabaraly bellenilip geçilýär.**

**«Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda Gurluşyk we senagat toplumynyň işgärleriniň gününe bagyşlanyp, Türkmenbaşy etrabynyň Sport desgasynda gurluşyk we senagat toplumynyň işgärleriniň arasynda sportuň kiçi futbol görnüşi boýunça ýaryş geçirildi.**

**Ýaryşda ýeňijilere Kärdeşler arkalaşyklarynyň Türkmenbaşy etrap birleşmesiniň ýadygärlik sowgatlary dabaraly ýagdaýda gowşuryldy.**

**Ýagşymämmet BEGLIÝEW,**
**Kärdeşler arkalaşyklarynyň Balkan welaýatynyň Türkmenbaşy etrap birleşmesiniň başlygy.**

☑ Türkmenistanda Gurluşyk we senagat toplumynyň işgärleriniň güni giňden bellenilip geçilýär. Bu hünär baýramy ýurdumyzyň gurluşyk we senagat işgärleriniň gazanan üstünliklerini, çekýän yhlasly zähmetlerini hormatlamak we olaryň ýurt ösüşine goşýan ägirt uly goşandyny nygtamak maksady bilen geçirilýär. Bu baýramçylyk ýurdumyzyň ykdysadyýetinde möhüm orun eýeleýän gurluşyk we senagat toplumynyň ähmiýetini ýatlatmak bilen çäklenmän, şeýle-de türkmen halkynyň geljege bolan ynamyny pugtalandyrýar.

Gurluşyk we senagat toplumynyň işgärleriniň gününiň ýurdumyzda giňden bellenilmeginiň esasy maksady — bu ugurda zähmet çekýän işgärleriň hyzmatlaryny ykrar etmekdir. Gurluşyk we senagat toplumy milli ykdysadyýetimiziň sütüni bolup, döwletiň ösüş strategiýasynda möhüm orny eýeleýär. Bu ulgamda zähmet çekýän hünärmenler döwrebap binalaryň gurulmagynda, senagat kärhanalarynyň dikeldilmeginde we ykdysadyýetiň ösüşinde möhüm işleri alyp barýarlar. Bu baýramçylyk ykdysadyýetiň durnukly ösüşine goşant goşýan gurluşyk we senagat işgärleriniň işlerine berlen ýokary baha hasaplanýar.

Gurluşyk we senagat toplumy ýurdumyzyň infrastrukturasynyň ösüşinde möhüm orny eýeläp, türkmen halkynyň durmuş derejesiniň gowulanmagyna täsir edýär. Häzirki wagtda Türkmenistanda giň gerimli taslamalar durmuşa geçirilýär. Bu bolsa ykdysadyýetiň ähli ugurlaryna täsir edýär. Täze binalaryň gurulmagy, ulag-logistika ulgamynyň ösdürilmegi, sport desgalarynyň, mekdepleriň, hassahanalaryň bina edilmegi halkyň durmuş-ykdysady ösüşine oňyn täsirini ýetirýär.

Gurluşyk we senagat ulgamynyň işgärleri ýurdumyzyň ösüşinde esasy hereketlendiriji güýçdür. Uly taslamalaryň üstünlikli durmuşa geçirilmeginde olaryň ýokary hünär derejeleri, jogapkärçiligi we zähmetine söýgi aýratyn orny eýeleýär. Gurluşyk we senagat toplumynda ýöriteleşdirilen hünärmenler bilen bir hatarda, täze tehnologiýalary ulanýan ýaş inženerler hem dürli taslamalara goşulyp, ykdysadyýetiň tehnologiýalaşmagyna ýardam berýärler. Olaryň hyzmaty we gujur-gaýraty bilen Türkmenistanyň şäherlerinde döwrebap ýaşaýyş jaýlary, döwrebap desgalar gurulýar.

Türkmenistanyň Gurluşyk we senagat toplumynyň işgärleriniň güni diňe bir hünär baýramy bolman, eýsem, geljegiň gurluşygyna goşant goşýan işgärleriň hormatyna döredilen ýörite baýramçylyga öwrüldi. Bu baýramçylyk gurluşyk we senagat pudagynda iş alyp barýan adamlaryň gazanan üstünliklerine uly hormat bilen garalýandygyny görkezýär.

**Mämmet RAHMANOW,**
**Döwletmämmet Azady adyndaky TMDDI-niň magistranty.**



# «ARKADAG» FUTBOL TOPARY

## AFK-nyň ÇAGYRYŞ LIGASYNDA

☑ Türkmenistanyň çempiony «Arkadag» futbol topary AFK-nyň Çagyryş ligasy ýaryşynyň çäginde Gyrgyzystanyň «Abdyş-Ata» topary bilen geçirilen duşuşykda 2:0 hasabynda ynamly ýeňiş gazandy. Bu netijäni gazanmaga Şämämmet Hydyrowyň we Abdy Bäşimowyň tora girizen gollary mümkinçilik berdi.

«Arkadag» toparynyň oýna bolan güýçli hyjuwy we meýdançada görkezen tejribesi AFK-nyň Çagyryş ligasynda has netijeli çykyş etjekdigine ynam döretdi. Şeýle ýeňişler türkmen futbolynyň sebitdäki abraýyny ýokarlandyrmaga hem-de «Arkadag» toparynyň halkara arenasynda öz ornuny pugtalandyrmagyna kömek edýär.

«Arkadag» futbol topary AFK-nyň Çagyryş ligasynyň 3-nji tapgyrynda Kuweýtiň güýçli toparlarynyň biri bolan «Al-Arabi» bilen duşuşdy. Bu oýun toparçadaky ýaryşyň netijelerini we haýsy topary üstün çykyp, geljekki tapgyra geçjekdigini kesgitledi. Kuweýtli futbolçylar 3:2 hasabynda ýeňiş gazandylar. Muňa garamazdan, ildeşlerimiz ilkinji oýunda görkezen oňat netijeleriniň hasabyna çärýek finalda oýnamaga hukuk gazandylar.

«7/24.tm»

# TÜRKMENISTAN — IRI HALKARA SPORT ÝARYŞLARYNYŇ ÝURDY

☑ Türkmenistanda ýokary derejeli sport we köpçülikleýin bedenterbiýe hereketiniň ösmegi, şeýle hem sagdyn durmuş ýörelgesini wagyz etmek üçin giňişleýin çäreler durmuşa geçirilýär. Döwlet edaralarynyň, ýokary we orta hünär okuw mekdepleriniň arasynda dürli sport ýaryşlary yzygiderli geçirilýär.

Aşgabatda Kuraş boýunça XIV dünýä çempionatynyň, Hokkeý boýunça halkara ýaryşynyň, başga-da halkara sport ýaryşlarynyň ençemesiniň ýokary guramaçylyga beslenip geçirilmegi ýurdumyzyň halkara abraýyny has hem belende göterýär.

8 — 17-nji noýabr aralygynda Aşgabat şäherindäki Olimpiýa şäherçesiniň Tennis toplumynda 14 ýaşa çenli ýetginjek oglanlaryň hem-de gyzlaryň arasynda tennis boýunça «Ashgabat Open 2024» atly halkara ýaryşyny ýokary derejede geçirmek üçin uly depginde taýýarlyk işleri alnyp barylýar.

«Ashgabat Open 2024» atly halkara ýaryşynyň paýtagtymyzda geçirilmeginiň esasy sebäpleriniň biri hem Türkmenistanyň iri halkara ýaryşlaryny geçirmekde baý tejribä eýedigidir we şeýle halkara ýaryşlary geçirmek üçin ýurtda ähli mümkinçilikleriň döredilendigidir.

Şeýle abraýly halkara sport ýaryşlaryny geçirmäge giň mümkinçilikler döredýän, ýurdumyzy sagdynlygyň we ruhubelentligiň mekanyna öwürýän Gahryman Arkadagymyza we Arkadagly Gahryman Serdarymyza jan saglyk, döwletli başlangyçlarynda hemişe rowaçlyk arzuw edýäris.

**Aýlar ORAZMYRADOWA,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň Sport fakultetiniň talyby.**



# ÝURDUNY TENNIS ARKALY TANATMAK ISLEÝÄN TÜRGENLER

Islendik ýurduň tanalýan raýatlary bolýar. Olaryň arasynda türgenlere aýratyn orun degişlidir. Daşary ýurtly wekiller Türkmenistana geleninde hem ilki bilen olaryň meşhur türgenleriniň atlarynyň tutulýandygyna kän gezek şaýat bolansyňyz. Azda-kände sportdan habarly adam Magnus Karslen diýilse Norwegiýany, Ronaldudan söz açylsa Portugaliýany, Nowak Jokowiçiň ady tutulsa Serbiýany ýatlar. Çünki olar özleriniň görkezýän ýokary netijeleri bilen öz ýurtlaryny dünýä tanatmaga goşant goşdular. Pariž Olimpiadasynda Serbiýanyň gazanan 3 altyn medalynyň içinde iň arzylysy tennis boýunça gazanylany diýmäge esas bar. Çünki Jokowiçiň ýeňşiniň şanyna Olimpiýa obasynda serbiýalylaryň konsert gurandygyny habarlardan okapdym.

Sportuň haýsy görnüşi boýunça bolsa-da, Olimpiada gatnaşyp gazanylan medallaryň agramy we arzysy başgaça bolýar. Şu hepdede paýtagtymyza geljek ýetginjek tennisçileriň hem Olimpiadalarda çykyş etmegi, tennis arkaly öz ýurduny dünýä tanatmagy maksat edinen türgenlerdigi «Ashgabat open 2024» tennis ýaryşynyň derejesini görkezýändir. Aziýanyň tennis federasiýasy (ATF) tarapyndan Olimpiýa şäherçesiniň Tennis toplumynyň «Tennis boýunça Aziýa sebitiniň okuw-türgenleşik merkezi» diýlip yglan edilendigini ýatlasak, Türkmenistanda şeýle ýaryşyň geçirilmeginiň kanunalaýyklykdygyny nygtamaga esas bolup hyzmat eder.

Ýaryşlar 2017-nji ýylda guralan Ýapyk binalarda we söweş sungaty boýunça V Aziýa oýunlaryny geçirmek maksady bilen, Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy esasynda bina edilen paýtagtymyzdaky Olimpiýa şäherçesiniň düzümine girýän Tennis toplumynda geçiriler. Şundan görnüşi ýaly, sebitimiziň iň döwrebap sport desgalar toplumy halkara möçberli sport ýaryşlaryny geçirmäge we türgenleri iri bäsleşiklere taýýarlamaga hyzmat edýär. Bu bolsa Türkmenistanyň beýleki ýurtlar bilen sport hyzmatdaşlygyny pugtalandyrmaga, Türkmenistanyň abraýly halkara ýaryşlarynyň geçirilýän mekanyna öwrülmegine giň ýol açýar. Munuň üçin Gahryman Arkadagymyza we Arkadagly Gahryman Serdarymyza alkyş aýdýarys!

**Daýanç TAGYŞOW,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.**

# WORLD SAMBO CHAMPIONSHIPS TO BE HELD IN ASTANA




☑ The 2024 World SAMBO Championships will be held in the capital of the Republic of Kazakhstan on November 8-10. The tournament will feature 31 sets of medals in Sport SAMBO among men and women, Combat SAMBO among men and women, and Blind SAMBO among men in the SVI-1 class (totally blind athletes). The competitions will be broadcast live on the Sambo.Live video portal.

Medals will be awarded in the following weight categories:

Sport SAMBO Men: 58 kg, 64 kg, 71 kg, 79 kg, 88 kg, 98 kg, +98 kg

Sport SAMBO Women: 50 kg, 54 kg, 59 kg, 65 kg, 72 kg, 80 kg, +80 kg

Combat SAMBO Men: 58 kg, 64 kg, 71 kg, 79 kg, 88 kg, 98 kg, +98 kg

Combat SAMBO Women: 50 kg, 54 kg, 59 kg, 65 kg, 72 kg, 80 kg, +80 kg

Blind SAMBO (SVI-1 class), Men: 64 kg, 79 kg, 98 kg

«It is expected that about 80 countries will send their athletes to participate in the main tournament of the FIAS calendar this year. I am sure that the upcoming tournament will be remembered by all participants not only for its bright fights and festive atmosphere, but also for the inclusion for the first time in history of women's Combat SAMBO and SAMBO among totally blind athletes in the official program of the World Championships competitions.

Also, in the stands of the Zhaksylyk Ushkempirov Martial Arts Palace, spectators will be able to see the legendary sambist, the SAMBO ambassador in the world Fedor Emelianenko, who, at the invitation of FIAS, will visit the World Championships in Astana and take part in the opening ceremony.

I would like to express my gratitude to the Kazakhstan Federation of Sport and Combat Sambo for the high level of preparation for the World Championships, and also thank the general partner of the tournament – Rosneft oil company, and the official partner – VTB Bank, for their support,» said FIAS President Vasily Shestakov.

**www.sambo.sport/en**

# TÄZE EÝÝAMDA SPORT ÝAŇY

☑ Ýurdumyzda giň gerime eýe bolan köpçülikleýin bedenterbiýe, sagaldyş we sport hereketini ösdürmek, sagdyn durmuş ýörelgelerini berkarar etmek, jemgyýetimizde bedenterbiýe hem-de sport bilen yzygiderli meşgullanmagy wagyz etmek boýunça giň gerimli işler alnyp barylýar.

Ýeri gelende bellesek, şu ýylyň 6-njy sentýabrynda BMG-niň Baş Assambleýasy ýurdumyzyň başlangyjy esasynda «Birleşen Milletler Guramasynyň oýunlary» atly Kararnamany biragyzdan kabul etdi. Bu resminama dünýäniň 87 döwletiniň awtordaş bolup çykyş etmegi onuň tutuş adamzat üçin möhümdigini we ägirt uly ähmiýete eýediginiň aýdyň beýanydyr.

Üstümizdäki ýylyň dowamynda Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň Hökümet Baştutanlarynyň Geňeşiniň Çözgüdine laýyklykda, Aşgabat şäheri «Arkalaşygyň täze sport mümkinçilikleriniň şäheri» diýlip yglan edildi. Aziýanyň Tennis federasiýasy tarapyndan Olimpiýa şäherçesiniň Tennis toplumynyň «Tennis boýunça Aziýa sebitiniň okuw-türgenleşik merkezi» diýlip yglan edilmegi ýurdumyzyň halkara sport abraýyny has-da artdyrýar.

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda bedenterbiýäni we sporty ösdürmekde alnyp barylýan giň gerimli işler bu ulgamy goldamakda, ýokary görkezijili sporty ösdürmekde, jemgyýetde sagdyn durmuş ýörelgeleriniň ykrar edilmeginde, sport ulgamynda halkara hyzmatdaşlygynyň pugtalanmagynda uly ähmiýete eýedir. Munuň şeýledigini Türkmenistanyň 2023 — 2027-nji ýyllar üçin ÝUNESKO-nyň Bedenterbiýe we sport boýunça hökümetara komitetiniň agzalygyna saýlanmagy aýdyň tassyklaýar.

Geçen sanlyja ýylyň dowamynda ýurdumyzda Ýapyk binalarda we söweş sungaty boýunça V Aziýa oýunlarynyň, sebitleýin sport ýaryşlarynyň, «Amul-Hazar 2018» halkara awtorallisiniň, Agyr atletika we Kuraş boýunça dünýä çempionatlarynyň üstünlikli geçirilendigini bellemek gerek. Şu ýylda paýtagtymyzyň gözel künjegindäki Olimpiýa şäherçesiniň Gyşky oýunlar sport toplumynda üstünlikli geçirilen Hokkeý boýunça halkara ýaryşy hem Türkmenistanyň ösen sport ýurdy hökmündäki ornunyň barha pugtalandyrylýandygyny nobatdaky gezek äşgär etdi. 2025-nji ýylda Sambo boýunça dünýä çempionatynyň geçirilmeginiň meýilleşdirilmegi bolsa buýsanjymyzy goşalandyrýar.

Ýokary derejeli sport hünärmenlerini taýýarlamak, bilim derejelerini yzygiderli artdyrmak, sportuň innowasion görnüşlerini ýurdumyza ornaşdyrmak we ösdürmek, halkara sport hyzmatdaşlygyny has-da pugtalandyrmak babatynda alnyp barylýan işler ildeşlerimizde gyzgyn goldaw tapýar. Watanymyzyň dünýä derejesindäki sport abraýyny ýokarlandyrmakda taýsyz tagalla edýän Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiziň janlarynyň sag, ömürleriniň uzak bolmagyny, döwletli tutumlarynyň mundan beýläk-de rowaçlanmagyny arzuw edýäris.

**Döwran AGAJANOW,**
**Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň uly mugallymy.**

# SAGLYK ÝOLY

☑ Saglyk ýoly Türkmenistanyň paýtagty Aşgabatda hem-de welaýatlarda döredilip, ol watandaşlarymyzyň saglygyny pugtalandyrmakda uly ähmiýete eýedir. Adamlaryň fiziki we ruhy saglygyny berkitmek maksady bilen gurlan ýörite ýollaryň ähmiýetine bu gün tutuş türkmenistanlylar çuňňur göz ýetirdiler. Saglyk ýollarynda döwletimiz tarapyndan saglyk we sport bilen baglanyşykly çäreler geçirilip durulýar. 2024-nji ýylyň 2-nji noýabrynda hem Aşgabat şäherindäki Saglyk ýolunda uly dabara geçirilip, ol jemgyýetde gyzgyn seslenme döretdi.

Saglyk ýolunyň gurulmagy emgyýetiň saglygyna we sporta bolan ünsüň artmagy bilen baglydyr. Aşgabatdaky saglyk ýolundan başga-da, ýurduň dürli welaýatlarynda hem degişli saglyk ýollary döredildi. Olarda ýurduň dürli künjeklerinde ýaşaýan adamlara saglyk we sport bilen baglanyşykly çäreleri geçirmek üçin giň mümkinçilikler döredilýär. Saglyk ýolunyň jemgyýetde sagdyn durmuş ýörelgesini wagyz etmek üçin ähmiýeti diýseň uludyr.

Her welaýatda döredilen saglyk ýollary ýerli ýaşaýjylara we myhmanlara fiziki taýýarlyk, ýöriş, sport we ş.m. bilen meşgullanmaga giň mümkinçilik berýär. Şeýlelik bilen, halkyň saglygyny berkitmek, sporta bolan höwesini artdyrmak we jemgyýetde sagdyn durmuş ýörelgesini wagyz etmek maksady bilen, welaýatlardaky saglyk ýollary uly ähmiýete eýedir.

Türkmenistanda saglyk ýollary döwlet derejesinde sportuň we saglygyň wagyz edilmegi üçin möhüm wezipeleri berjaý edýär. Bu taslamalar, jemgyýetiň saglygyny berkitmek, ýaş nesli sporta höweslendirmek we sagdyn durmuş ýörelgelerini wagyz etmek üçin ähli şertleri üpjün edýär. Saglyk ýollary diňe bir fiziki we ruhy saglygy gowulandyrmak bilen çäklenmän, adamlaryň arasynda dostluk we birlik baglanyşygyny ösdürýär. Şonuň üçin hem olaryň möhümdigini hiç wagt unutmak bolmaz.

**Şatlyk HUDAÝBERDIÝEW,**
**Türkmen oba hojalyk institutynyň mugallymy.**

# TÜRKMEN RUHUNYŇ SYNMAJAK SÜTÜNI

☑ Magtymguly Pyragy — türkmen halkynyň milli buýsanjy, umumadamzat şahyry, ynsan kalbynyň ruhy lukmany. Şahyryň ynsan ömri, mertebesi, adamkärçilik, hoşniýetlilik baradaky özboluşly pikirleri her bir adamy durmuşdaky öz borjy hakynda oýlanmaga mejbur edýär. Şonuň üçin hem akyldaryň pähim-parasatdan ýüki ýetik çuň manyly şygyrlary köňüllerde inçe duýgulary oýaryp bilýänligi bilen beýiklige göterilip, umumadamzat medeni-ruhy hazynasynda müdimi orun aldy. Bu barada Gahryman Arkadagymyz «Ynsan kalbynyň öçmejek nury» atly kitabynda: «Magtymguly Pyragynyň asyrlar aşyp, biziň döwrümize gelip ýeten müň dürli öwüşginli şygyrlary, ene topragy, ata Watany ýürekden söýmäge we ynsanperwerlige çagyryşlary, parasatly sargytlary bütin adamzadyň ruhy gymmatlygyna öwrüldi» diýip belleýär. Şu parasatly sözlerden görnüşi ýaly, şahyryň şirin mazmunly şygyrlary her bir adamda, ylaýta-da, ýaş nesillerde watansöýüjilik duýgularyny terbiýelemekde, ösdürmekde dury akaba, ruhy çeşme bolup hyzmat edýär.

Beýik söz ussady özüniň çuň pelsepä ýugrulan goşgularynda halkymyzyň bitewülik baradaky arzuwlaryny ussatlyk bilen beýan edipdir. Onuň döredijiliginde türkmen halkynyň özygtyýarly döwlet gurmak, agzybir bolmak, bagtyýar zamanada ýaşamak hakyndaky isleg-arzuwlary uly orun tutýar. Şahyryň «Berkarar döwlet islärin» diýen arzuwlary hasyl bolup, bagtyýar halkymyz bu günki gün Garaşsyz, baky Bitarap döwletde, abadan, eşretli durmuşda ýaşaýar.

Görşümiz ýaly, bu günki zamanamyz, şahyryň arzuw edişi ýaly, ykbalymyzyň göterilen zamanasydyr. Şonuň üçin-de, akyldaryň parasatly pikirleri, kämil garaýyşlary adalat jemgyýetini guramakda ruhy binýat bolup hyzmat edýär. Hususan-da, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Magtymguly Pyragynyň şygyrlarynyň halkymyza uly ruhubelentlik, egsilmez joşgun berýändigini buýsanç bilen belläp geçmek bolar. Ata Watanymyzyň mundan beýläk-de gülläp ösmegini gazanmakda akyldaryň parasatly sargytlary ýolgörkeziji şamçyrag bolup hyzmat edýär.

«Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda şahyryň doglan gününiň 300 ýyllygy dabaraly bellenilip geçilýär. Ynha, Balkan welaýatynyň Gumdag şäherçesiniň 27-nji orta mekdebinde beýik akyldarymyzyň doglan gününe bagyşlanyp, «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» atly himiýa-biologiýa hepdeligi geçirildi. Şeýle guramaçylykly çärelere işjeň we döredijilikli gatnaşmaga diýseň höwesli okuwçylarymyz bar. Munuň özi akyldar şahyryň dünýä edebiýatynyň altyn hazynasyna giren baý hem-de gymmatly edebi mirasyny, kämil garaýyşlaryny, şygyrlarynyň pelsepe baýlygyny, XVIII-XIX-asyrlarda türkmen durmuşyna ýetiren uly täsirini ylmy esasda öwrenmekde, onuň döredijiliginiň türkmen, şol sanda tutuş Gündogaryň ylmy-medeni durmuşy bilen aýrylmaz baglanyşygyny döwrebap sanly tehnologiýalaryň üsti bilen açyp görkezmekde we şahyrana dünýäsine halkara ylmy-edebi jemgyýetçiligiň ünsüni çekmekde uly ähmiýete eýedir.

Gahryman Arkadagymyzyň belleýşi ýaly, Pyragynyň şahyrana dünýäsi müňýyllyklaryň dowamynda kemala gelen türkmen pelsepesine, milletiň kalbynyň owazyna, türkmen ruhunyň synmajak sütünine öwrüldi.

Ýaşlara döwrebap bilim-terbiýe bermekde döredilýän mümkinçilikler bizi mundan beýläk-de jogapkärli işlemäge borçly edýär. Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiziň janlary sag bolsun, beýik işleri rowaçlyklara beslensin.

**Döwletgeldi GAZAKOW,**
**Balkanabat şäheriniň Gumdag şäherçesindäki 27-nji orta mekdebiň müdiri.**

# TALYP TÜRGENLER

## JIU-JITSU BOÝUNÇA DÜNÝÄ ÇEMPIONATYNDA ÜSTÜNLIKLI ÇYKYŞ ETDILER

☑ Gresiýanyň Iraklion şäherinde tamamlanan jiu-jitsu boýunça dünýä çempionatynda Türkmenistanyň ýygyndysy netijeli çykyşlary bilen begendirdi. Ildeşlerimiz dünýä çempionatynyň dowamynda 5 altyn, 6 kümüş we 10 bürünç medal gazandylar. Üstünlik gazanan türgenleriň aglaba böleginiň talyplardygyny bellemek gerek. Munuň özi ýurdumyzda ýaşlaryň bilim almak bilen çäklenmän, eýsem, sportuň dürli ugurlary boýunça hem öz ukyplaryny görkezmäge mümkinçilik döredilýändigini görkezýär. Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň talyplary sportuň dürli görnüşleri boýunça milli ýygyndymyzyň esasyny düzýär. Şonuň bilen birlikde beýleki ýokary okuw mekdepleriniň hem talyplarynyň görkezýän netijeleriniň Türkmenistanyň milli ýygyndysynyň medal gaznasynyň üstüni ýetirýändigini bellemelidiris. Bu hakykata Gresiýada tamamlanan jiu-jitsu boýunça dünýä çempionatynda nobatdaky gezek göz ýetirdik. Iraklion şäherinde guralan ýaryşa 72 ýurtdan 1000 töweregi türgen gatnaşdy. Türkmenistanyň ýygyndysy dünýä çempionatynda «kontakt» we «kombat» görnüşlerinde ýurdumyzyň sport abraýyny mynasyp goramagy başardylar.

**Türkmenistanyň ýygyndysynyň düzüminde altyn medal gazanan türgenler.** «Kontakt» görnüşi boýunça: TDBSI-niň 2-nji ýyl talyby Aminat Guwanjowa (45 kg), Ýolöten etrabynyň sport mekdebiniň tälimçi-mugallymy Hurma Abdyýewa (48 kg), Darganata etrabynyň 3-nji sport mekdebiniň tälimçi-mugallymy Ogulşat Nurmedowa (70+ kg), TDBSI-niň 2-nji ýyl talyby Yslam Öwezow (62 kg); «Kombat» görnüşi: TDBSI-niň 2-nji ýyl talyby Gudrat Esenow (62 kg) gazandylar.

**Türkmenistanyň ýygyndysynyň düzüminde kümüş medal gazanan türgenler.** «Kontakt» görnüşi boýunça: TDBSI-niň 2-nji ýyl talyby Aýnur Kullyýewa (48 kg), TDBSI-niň 3-nji ýyl talyby Marýam Wafaýewa (63 kg), Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň 1-nji ýyl talyby Oguldursun Azymowa (52 kg), TDBSI-niň 3-nji ýyl talyby Güljan Nurgeldiýewa (70 kg), TDBSI-niň 2-nji ýyl talyby Soltanmyrat Nuryýew (56 kg), Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň işgäri Rahmet Taganow gazandy.

**Türkmenistanyň ýygyndysynyň düzüminde bürünç medal gazanan türgenler.** «Kontakt» görnüşi boýunça: TDBSI-niň 2-nji ýyl talyby Aminat Guwanjowa (45 kg), Ýolöten etrabynyň sport mekdebiniň tälimçi-mugallymy Hurma Abdyýewa (48 kg), TDBSI-niň 3-nji ýyl talyby Suraý Gokaýewa (52 kg), TDBSI-niň 2-nji ýyl talyby Şyhberdi Rahmanow (62 kg), Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň harby bölüminiň esgeri Eziz Ýollyýew (94 kg), Türkmenistanyň Söweş sungaty Milli federasiýasynyň türgeni Miraly Agaýew (69 kg), Türkmen döwlet maliýe institutynyň 2-nji ýyl talyby Bagtyýar Myradow (85 kg), Türkmen döwlet maliýe institutynyň 4-nji ýyl talyby Begli Saparow (69 kg), Türkmenistanyň Içeri Işler ministrliginiň Institutynyň ýanyndaky Okuw merkeziniň diňleýjisi Jelilmuhammet Hojamyradow (77 kg) gazandylar. J.Hojamyradow «kombat» görnüşinde hem bürünç medal gazandy. Dünýä çempionatynyň jemi jemlenende, Türkmenistanyň jiu-jitsu boýunça ýygyndysy toparlaýyn ýaryşda altynjy orny eýelemegi başardy.

**Orazbibi HAJYAMANOWA,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.**

# TUTANÝERLI ZÄHMETIŇ MIWESI

Bilimiň, ylmyň, tehnikanyň we tehnologiýanyň güýçli depginler bilen ösmegi, okatmagyň has amatly we ýokary netijeli innowasion tehnologiýalarynyň okuw-terbiýeçilik işlerine giňden ornaşdyrylmagy biz bilim işgärleri üçin giň mümkinçiliklere ýol açmak bilen bir hatarda öňümizde ýaş nesle berilýän bilimiň hilini ýokarlandyrmak we mazmunyny yzygiderli baýlaşdyrmak ýaly möhüm wezipeleri goýdy. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary bilen ýurdumyzda kabul edilen «Türkmenistanda umumybilim maksatnamalary boýunça okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmegiň 2028-nji ýyla çenli Konsepsiýasy» esasynda mekdebimizde giň gerimli işler amala aşyrylýar.

Hormatly Prezidentimiziň: «...Ýaş nesillerimiziň bilimleriň we ylymlaryň esaslaryny, akyl we fiziki zähmet endiklerini özleşdirmekleri, olarda ýokary ahlak sypatlaryny, sagdyn durmuş ýörelgelerini terbiýelemek üçin mugallymlarymyz hemişe döredijilik gözleginde bolmalydyr» diýen sözlerinden ugur alyp, mugallymlarymyz okuwçylara diňe bir ylym-bilim öwretmän, olarda milli terbiýe, ýokary ahlak sypatlaryny terbiýelemek ugrunda tagallalar edýärler. Mekdebimizde işjeň usulda geçirilýän göreldeli sapaklar, ders hepdelikleri, bilim we döredijilik bäsleşikleri, halkara internet olimpiadalary yzygiderli geçirilip durulýar. Olaryň guralyşyny, okuwçylaryň gatnaşygyny we olarda galdyrýan täsirini hasabatlaryň üsti bilen resminamalarynyň ýöredilişine gözegçilik edýäris.

Mekdebimizde «Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasyna», «Türkmenistanda daşary ýurt dillerini okatmagy kämilleşdirmegiň Konsepsiýasyna», «Türkmenistanda tebigy we takyk ylmy ugurlara degişli dersleri okatmagy kämilleşdirmegiň Konsepsiýasyna» laýyklykda umumybilim maksatnamalary boýunça okuw dersleriniň okadylyşynyň usulyýetini döwrebaplaşdyrmak işleri hem-de bilim ulgamyna degişli innowasion tehnologiýalar we şolaryň esasynda elektron okuw kitaplary, okuw-usuly gollanmalar we toplumlardan peýdalanmak we olary okuw sapaklarynda işjeň ulanmak ýola goýuldy. Usuly otaglarda usuly birleşmeleriň diwarlyklary döwrebap we talabalaýyk gurnalyp, ders diwar gazetlerinde eziz Diýarymyzyň şanly seneleri, ösüşleri hem özgertmeleri giňişleýin wagyz edilýär. Şeýle-de ýaş mugallymlara öz halypalyk maslahatlarymyzy berip, olaryň iş başarjaňlygyny ýüze çykarmakda okuw we terbiýeçilik işlerini alyp barýarys.

Irginsiz zähmetiň netijesinde mekdebimiziň okuwçylary we mugallymlary ýurdumyzda geçirilýän dürli bilim we döredijilik bäsleşiklerinde ýeňiji bolýarlar hem-de «Altyn asyryň altyn zehinleri» atly ders bäsleşiginde ýokary netijeleri gazanýarlar.

Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň biz — bilim işgärlerine döredip berýän mümkinçiliklerinden peýdalanyp, Garaşsyz, Bitarap Watanymyza wepaly, watansöýüji, zähmetsöýer, ahlak taýdan arassa, hemmetaraplaýyn sazlaşykly ösen kämil şahsyýetleri kemala getirmek, ylymly-bilimli, giň dünýägaraýyşly nesilleri ýetişdirmek ugrunda zähmetimizi gaýgyrmajakdygymyza ynandyrýarys.

**Aýna BABYŞOWA,**
**Köneürgenç etrabynyň daşary ýurt dillerine ýöriteleşdirilen 57-nji orta mekdebiniň müdiriniň okuw işleri boýunça orunbasary.**

# TÜRKMEN HALKYNYŇ BEÝIK AKYLDARY

Gündogar edebiýatynda özüniň ajaýyp döredijiligi bilen öçmejek yz galdyran beýik akyldar Magtymguly Pyragydyr. Beýik şahyryň şygryýet dünýäsinde türkmen halkynyň durmuşy öz aýdyň beýanyny tapýar.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda Magtymguly Pyragynyň edebi mirasy hertaraplaýyn öwrenilip, ony geljek nesillerimize ýetirmek we dünýä ýaýmak boýunça giň gerimli işler durmuşa geçirilýär. Munuň şeýledigine akyldar şahyrymyzyň doglan gününiň 300 ýyllygy mynasybetli paýtagtymyz Aşgabadyň gözel künjeginde, Köpetdagyň eteginde türkmeniň beýik ogly, Gündogaryň meşhur akyldary Magtymguly Pyragynyň ajaýyp heýkeliniň we nusgawy şahyryň adyny göterýän medeni-seýilgäh toplumynyň açylmagy aýdyň şaýatlyk edýär.

Halkymyzyň geçmiş taryhyny, edebiýatyny Magtymgulusyz göz öňüne getirmek asla mümkin däl. Ol diňe bir türkmen nusgawy edebiýatynyň kerwenbaşysy bolmak bilen çäklenmän, eýsem türkmen edebiýatyny, halkymyzyň çeper döredijiligini tutuş dünýä ykrar etdiren beýik şahsyýetdir. Onuň döredijiliginde halkymyzyň däp-dessurlary, ynsanperwerligi, halallygy, merdi-merdanalygy, gahrymançylygy eriş-argaç bolup geçýär.

Döwletiň berkararlygy, halkyň eşretli durmuşy ugrunda çäksiz aladalar edýän Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary bilen halkymyzyň diňe bir şu gününi däl, eýsem geçmiş taryhymyzy, nusgawy edebiýatymyzy dünýä ýaýan beýik akyldarymyz Magtymguly atamyzyň döredijiligini giňden öwrenmekde uly işler amala aşyrylýar.

Magtymguly Pyragynyň çeper döredijiligi terbiýeçilik mekdebidir. Dana şahyryň öwüt-ündewe ýugrulan şygyrlarynda şahsyýet, maşgala, dünýä bilen bagly kämil pikirler öňe sürülýär. Onuň nurana keşbi, asylly pikirleri biziň her birimizi hormatly Prezidentimiziň «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen tutumly ýörelgesinden gelip çykýan aýdyň maksatlary, asylly işleri wasp etmeklige ruhlandyrýar. Çünki Magtymgulynyň döredijiligi durmuşyň islendik meselesi babatda ähli soraglara jogap tapyp bolýan pikirleri özünde jemleýär.

Gahryman Arkadagymyz şahyryň döredijiligi hakynda: «Magtymgulynyň şygyrlarynyň döwürler dolanyp, heňňamlar öwrülse-de, öz gymmatyny ýitirmän, eýsem, gadyrynyň artmagy ondaky öwüt-ündewleriň kalbyňa melhem bolup siňýänligindendir, göwünleri ganatlandyrmagyndandyr, adamlary heýjana getirmegindendir» diýip belleýär. Şu parasatly sözlerden görnüşi ýaly, beýik şahyryň şygyrlary durmuş ýolumyza şamçyrag bolup durýar. Pyragynyň ýiti zehininden çykýan şygyrlarynyň her bir setiri çuň many-mazmuna eýe bolup, ýaş nesle durmuş ýörelgesi bolup hyzmat edýär.

Magtymguly Pyragy çuň manyly döredijiligi bilen diňe bir türkmen edebiýatynyň däl, eýsem dünýäniň genji-hazynasyna ägirt uly goşant goşan beýik akyldardyr. Şahyryň türkmen halkynyň arzuwlan ýurdunyň özygtyýarlylygy we gülläp ösüşi, döwleti dolandyrmagyň kadalary, ylym-bilimi goldamak, rehimlilik, bitewülik baradaky nesihat beriji goşgulary onuň ähli göwünleriň, ähli döwürleriň, tutuş ynsan kalbynyň şahyrydygyny aýdyň görkezýär.

Beýik şahyryň şygyrlarynda türkmen halkynyň durmuşy öz aýdyň beýanyny tapypdyr. Onuň döredijiligi durmuşda dogry ýoly salgy berýän özboluşly ýol-ýörelge bolandygy üçin asyrlar geçse-de öz gymmatyny saklaýar.

**Aýbölek BÄŞIMOWA,**
**Döwletmämmet Azady adyndaky TMDDI-niň uly mugallymy.**

# TÜRKMENISTAN — BAGTYÝARLYK MEKANY

☑ Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň mejlisler zalynda «Eziz Watan, seniň goýnuň, hem geçmişdir, hem geljek» diýen at bilen aýdym-sazly, sahnaly ylmy-usuly çäre geçirildi.

Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komitetiniň «Türkmenistan Sport» halkara žurnalynyň redaksiýasy bilen Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň «Sagdyn nesiller» aýdym-saz we tans toparynyň talyplarynyň gatnaşmagynda geçirilen bu çäre Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda çap edilen «Änew — müňýyllyklardan gözbaş alýan medeniýet» atly kitabynyň manymazmuny esasynda talyp ýaşlarda kitaba, kitap okamaga bolan höwesi ösdürmek maksady bilen guraldy. Onda institutyň sport žurnalistikasy hünäriniň talyplary, şeýle hem institutyň ýaş mugallymlary hormatly Prezidentimiziň «Änew — müňýyllyklardan gözbaş alýan medeniýet» atly kitabynyň many-mazmunyna her taraplaýyn seljerme berýän nutuklar bilen çykyş edip, talyp ýaşlaryň ünsüni okamaga, watansöýüjilik we Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza wepalylyk duýgularyny ösdürmäge jemlediler.

Çykyşlaryň aralygynda olarda gozgalan ugurlar boýunça «Sagdyn nesiller» aýdym-saz we tans toparynyň artistleriniň hödürlän sahnaly we aýdym-sazly çykyşlary talyp ýaşlaryň gözýetimleriniň giňemegine çuňňur täsir etdi.

Talyp ýaşlaryň özara pikir alyşmagy tertibinde geçirilen çärä gatnaşan professor-mugallymlar öz halypalarynyň ýolbaşçylygynda nutuklar bilen çykyş eden we sahnaly çykyşlary guran talyp ýaşlaryň döredijilikli başlangyçlaryna mynasyp bahany we halypalyk maslahatlaryny berdiler.

Çärä gatnaşanlar okamaga, öwrenmäge, ylmy we döredijilik gözleglerine gönükmäge giň ýol açýan Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza uzak ömür, jan saglyk, döwletli başlangyçlarynda üstünlik arzuw etdiler.

**Keýik SAHATLIÝEWA,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň talyby.**

☑ «Awaza» milli syýahatçylyk zolagy halkara biznes-forumlaryň, konferensiýalaryň, duşuşyklaryň, halkara festiwallaryň, bäsleşikleriň, konsertleriň, sport çäreleriniň geçirilýän ýerine öwrüldi. Bu ýerde dünýä ülňülerine laýyk gelýän sport desgalary ulanmaga berildi. Ýahtalar, gaýyklar, katerler, katamaranlar, suw paraşýutlary we beýlekiler dynç alýanlar üçin hödürlenýän hyzmatlaryň diňe bir bölegidir. Sport toplumlary, tennis meýdançalary, suw howuzlary, atlaryň üstünde gezelenç, attraksionlar, diskoklublar, restoranlar, kafeler mawy deňiz, gülleýän ýaýla hem-de depeler bilen bilelikde utgaşyp, aýratyn bir özboluşlylygy hem-de gözelligi döredýär.

Tebigatyň özi bu künjege ähli barlygyny eçilipdir. Mylaýym howa şertleri, minerally palçyk çeşmeleri we köp kilometrlere uzap gidýän çägesöw deňiz kenarlary gözelligi boýunça täsin deňiz görnüşlerini emele getirýär.

**Galina GAFAROWA,**
**Türkmenbaşy şäheriniň 26-njy çagalar bakja-bagynyň terbiýeçisi.**

☑ Hormatly Prezidentimiziň alyp barýan il-ýurt bähbitli işleriniň netijesinde Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyz ösüşleriň we özgerişleriň ýurduna öwrüldi. Türkmenistan döwletimiziň gülläp ösüşleriniň berk binýady bolup hyzmat edýän milli bilim ulgamyny yzygiderli kämilleşdirmek döwlet syýasatynyň özeni bolup durýar. Bu barada Gahryman Arkadagymyzyň «Bilim — bagtyýarlyk, ruhubelentlik, rowaçlyk» atly kitabynda: «Meniň baş maksadym dünýäniň iň ösen talaplaryna laýyk gelýän bilim ulgamyny size elýeterli etmekden ybaratdyr» diýip belleýşi ýaly, bilim ulgamy yzygiderli kämilleşýär, bilim-terbiýeçilik edaralarynyň maddy-enjamlaýyn we usulyýet binýady pugtalanýar, öňdebaryjy tehnologiýalar, häzirki zamanyň iň kämil enjamlary bilen baýlaşdyrylýar.

Biz — ýaşlar üçin uly aladalar edýän, bagtyýar ýaşamagymyz üçin ähli şertleri döredip berýän hormatly Prezidentimiziň jany sag bolsun, il-ýurt bähbitli alyp barýan işleri hemişe rowaç alsyn! Biziň ata Watanymyzyň at-abraýy, şan-şöhraty bütin äleme nur çaýsyn!

**Mähri TOÝMEDOWA,**
**TMÝG-niň Daşoguz welaýatynyň Saparmyrat Türkmenbaşy etrap Geňeşiniň esasy hünärmeni.**

☑ 2024-nji ýylyň 30-njy oktýabrynda Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynda hormatly Prezidentimiziň hem-de daşary ýurtlaryň döwlet Baştutanlarynyň Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna bagyşlanan «Döwürleriň we siwilizasiýalaryň özara arabaglanyşygy — parahatçylygyň we ösüşiň binýady» atly halkara forumyndaky çykyşlary mynasybetli institutyň Diller kafedrasynyň guramagynda ýurdumyzyň gazet-žurnallarynyň baş redaktorlary bilen döredijilik duşuşygy geçirildi. Duşuşykda gazet-žurnallaryň baş redaktorlary institutyň döredijilik bilen meşgullanýan talyp ýaşlary bilen tejribelerini paýlaşdylar we talyp ýaşlaryň sowallaryna jogap berdiler.

**Žaloleddin BALTABAÝEW,**
**TDBSI-niň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.**

☑ Aşgabat şäheriniň söwda-kooperatiw orta hünär okuw mekdebiniň talyp ýaşlarynyň arasynda sportuň dürli görnüşleri boýunça sport ýaryşlary guraldy. Sport çäresi ýaşlaryň arasynda sagdyn durmuş we milli ahlak ýörelgelerini ýaýbaňlandyrmak, sagdyn jemgyýeti kemala getirmek hem-de ýaşlaryň arasynda sporta bolan höwesi has-da artdyrmak maksady bilen geçirildi. Aşgabat şäheriniň söwda-kooperatiw orta hünär okuw mekdebinde geçirilen sport ýaryşlarynda ýeňiş gazanan ýaşlar TMÝG-niň Aşgabat şäheriniň Bagtyýarlyk etrap Geňeşi tarapyndan gymmat bahaly sowgatlar bilen sylaglanyldy.

**Serdar NAZAROW,**
**TMÝG-niň Aşgabat şäheriniň Bagtyýarlyk etrap Geňeşiniň guramaçylyk bölüminiň esasy hünärmeni.**



# КОМАНДА ПО ИМЕНИ MAGTYMGULY PYRAGY

☑ Завершился дружественный визит в нашу страну клуба по футзалу с «громким» названием «Magtymguly Pyragy» из Афганистана. В ходе недельного пребывания гости из братской страны провели три товарищеские встречи с туркменскими командами – «Köpetdag», «Senagatbank» и сборной Марыйского велаята, а также договорились о дальнейшем совместном сотрудничестве в спортивной области.

Клуб «Magtymguly Pyragy» из города Герат сформирован в 2022 году. В него вошли представители Туркмено-афганской ассоциации культуры, где поэт и мыслитель Махтумкули глубоко уважаем и почитаем. Отсюда и название команды. Сама ассоциация была создана в 2002 году для поддержки и развития дружественных взаимоотношений в области культуры между Туркменистаном и Афганистаном. А теперь эти взаимоотношения обретут и спортивную направленность.

Как рассказал главный тренер афганского клуба Мухаммед Амин Фархат, их приезд в нашу страну неслучаен, поскольку нынешний год проходит под девизом «Кладезь разума Махтумкули Фраги». Представители туркменской диаспоры в Афганистане столь же активно, как и здесь, проводят различные праздничные мероприятия по случаю 300-летия со дня рождения великого классика.

Более того, их ассоциация выступила с предложением посетить с дружественным визитом нашу страну, на что Туркменистан проявил традиционное гостеприимство. Поэтому наставник команды «Magtymguly Pyragy», равно как и все её представители, выразили огромную благодарность Президенту Сердару Бердымухамедову за предоставленную возможность приехать на их историческую родину.

Приведём результаты встреч с ашхабадскими клубами. Эти поединки проходили на базе спортивной школы Анау (Ахалский велаят). Лидер турнирной таблицы проходящей в настоящее время Суперлиги Туркменистана «Köpetdag» уверенно переиграл гостей со счётом 10:6. А вот во втором поединке, где афганцы играли с футболистами клуба «Senagatbank», идущего на втором месте в Суперлиге, ашхабадцы были в шаге от поражения: проигрывая после первого тайма со счётом 1:2, наши футзалисты смогли сравнять счёт лишь за три минуты до финальной сирены. В итоге – ничья 2:2.

Несколько слов скажем и о выступлении клуба «Magtymguly Pyragy» в национальных состязаниях в Афганистане. Начав профессиональную карьеру во второй лиге чемпионата страны, команда уверенно завершила турнир на правах победителя. В следующем году клуб Туркмено-афганской ассоциации культуры начнёт борьбу за медали уже в первой лиге.

**«7/24.tm».**




# ÜSTÜNLIK

☑ Her bir adam durmuşda üstünlik gazanmak isleýär. Üstünligiň syry diýlip, köp zat aýdylýar, ýöne hakykatda ol ýönekeý. Üstünlik islegden we maksadyňy anyk kesgitlemekden başlanýar. Dürli filosoflar we alymlar bu barada dürli pikirleri orta atýarlar. Mysal üçin, türkmeniň beýik şahyry Magtymguly Pyragy bolsa, ylym we ahlaklylyk arkaly ruhy kämilleşmegiň üstünlige alyp barýandygyny nygtaýar.

Üstünligiň özeninde yhlas ýatyr. Her bir adamyň içinde islegi bolmaly. Bu isleg adamlaryň maksatlaryna ýetmek üçin gerekli güýji berýär. Ýaş okuwçy ýa-da sportçy bolsun, olaryň hemmesi bir zady gazanmak islegi bilen ýaşaýarlar. Eger sen hem üstünlige ýetmek isleýän bolsaň, içiňde şol ýanýan islegi duýmaly we ony güýçlendirmeli.

Üstünlik gazanmak üçin maksatlary anyk kesgitlemek zerurdyr. Maksat biziň ýolumyza düşýän yşykdyr. Maksatly bolmak her gün öňe gitmek üçin bize itergi berýär. Şeýlelikde, her bir adamyň özüne degişli maksatlary bolmaly we şol maksatlara ýetmek üçin meýilnama düzmelidir.

Isleg we maksat bolmak bilen, yhlas ýoldaş bolýar. Maksatly bolmak ýeterlik däl, onuň yzyndan tutanýerli hereket etmek gerek. Uly alymlardan başlap, ähli üstünlik gazananlaryň hemmesi yhlasly we tutanýerli hereket edýärler. Bu hereketler olaryň maksadyna ýetmek üçin ädýän ädimleriniň esasyny düzýär.

Üstünlik gazanmak üçin adamlar köplenç, rahatlyk çygryndan çykmalydyrlar. Adamlar köplenç, kynçylyklar bilen ýüzbe-ýüz bolmakdan gorkýarlar, emma hakyky ösüş we üstünlik şol kynçylyklaryň yzyndadyr. Ruhy taýdan tämizlenmek we maksatlara ýetmek üçin adamlar özlerini synagdan geçirmeli we kynçylyklara garşy durmaly.

Ruhy gymmatlyklaryň we ynançlaryň üstünlige ýetmekde uly orny bardyr. Ynam maksatly hereket etmekde we kynçylyklara garşy durmakda bize güýç berýär. Türkmen halkynyň baý edebi we ruhy mirasy biz üçin ýol görkeziji bolup hyzmat edýär. Her bir işde ruhy taýdan tämizlenmek bizi maksadymyza ýetirmekde ýardam edýär.

Üstünligiň iň soňky netijesi ömürlik miras goýmakdyr. Maksatly we yhlasly hereket edip, biziň ýetjek üstünliklerimiz diňe bir biziň üçin däl, eýsem, geljekki nesillerimiz üçin hem ýol görkeziji bolar. Türkmen halkynyň beýik şahsyýetleriniň mirasy biziň üçin nusga bolup durýar. Biz hem şol mirasy dowam etdirip, ömrümiziň her pursadynyň gadyryny bilip ýaşamalydyrys.

Üstünligiň syry maksatly we yhlasly hereket etmekden, ruhy taýdan tämizlenmekden, edebi we ruhy gymmatlyklara eýermekden ybaratdyr. Her bir adam ömründe maksatly we yhlasly bolup, ähli hereketlerini ynanjy bilen baglanyşdyrmaly. Türkmen halkynyň beýik mirasy we gymmatlyklary, biziň her birimize kämilleşmekde we maksatlarymyza ýetmekde ýoly görkezýär. Durmuş her bir adama öz maksadyna ýetmek üçin ähli mümkinçilikleri hödürleýär. Şol mümkinçilikleri doly ulanyp, maksatly ýaşamak bilen arzuwlarymyza ýetmek üçin tagalla etmelidiris.

**Arazdurdy GOŞJANOW,**
**TMÝG-niň Etrek etrap Geňeşiniň işjeň agzasy.**

# MESSINIŇ SOWGADY

☑ Ýakynda sport teleýaýlymlarynyň birinde bir söhbetdeşlige gabat geldim. Onda «Barselona» futbol toparynyň öňki futbolçysy Kristian Tello sport žurnalistiniň sowallaryna jogap berýärdi.

Häzirki wagtda çykyşyny dowam edýän Kristian Tellonyň geçen hünär ýoly we durmuşy bilen bagly gyzykly gürrüň açmak bilen, žurnalistiň: «Futboldan galan iň ýakymly ýatlamaňyz haýsy?» diýen sowalyna beren jogaby mende uly täsir galdyrdy. Bu jogaby, başardygymça, bu ussat türgeniň öz aýdyşy ýaly, takyklygynda okyjylar bilen paýlaşasym geldi.

— Futboldaky hünär ýolumda «Barselonada» bolan günlerimden ýatdan çykmajak bir wakany gürrüň bereýin — diýip, Kristian Tello buýsanç bilen gürrüňe başlady. — Oglum dünýä inende La-Ligada «Lewante» bilen duşuşyşygymyz bardy. Topardaşlarymyň hemmesi maňa sowgat getiripdi. Diňe Messi sowgat bermedi. Oýundan öň Messi ýanyma gelip: «Seniň sowgadyň meýdançada bolar» diýdi.

«Lewanteniň» garşysyna oýun başlandy. Meýdançada Messi maňa 3 pökgini alyp geçirdi, men şol 3 gezekki pökgini garşydaşyň derwezesine girizip, oýnuň iň gowy oýunçysy adyna mynasyp boldum.

Bu gürrüňleri berýärkä Kristiana Tellonyň gözleri misli häzirki pursatda hem şol oýnuň içinde ýaly hyjuw we buýsanç bilen ýanýardy.

— Oýun gutarandan soň, Messi meniň ýanyma geldi we futbol pökgüsine oglumyň adyny ýazyp, goluny çekdi-de: «Bu ogluňyzyň sowgady» diýip, pökgini maňa uzatdy. Men oňa diýere söz tapmadym. Ol meniň üçin iň üýtgeşik sowgat boldy. Futbol hünär ýolumda iň ýakymly ýatlamam hem şol pursat bolup galdy. Messi hemişe üýtgeşikdi. Iň kyn zatlar onuň üçin iň aňsat zatlar ýalydy. Hemişe özboluşly sowgatlary bardy. Messi bilen meýdança çykmagyň özi meniň üçin sowgatdy.

Ussat türgeniň gürrüňleri meniň özümi-hä, tomaşa edip görmedik şol oýnumyň içinde ýaly duýmaga iterdi. Belki, okyjylarda hem sportuň gözellikdigi barada şoňa meňzeş duýgular dörändir.

**Taýýarlan Agabaý AKMYRADOW,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.**

# SAMBO COMPETITION

☑ On October 27, the Turkmen State Institute of Physical Culture and Sports hosted the Cup of the National Federation of Martial Arts of Turkmenistan in sports and combat sambo for men and women in its Multi-Purpose Sports Complex.

In the competition, athletes from various regions of the country. The tournament was dynamic and engaging. Athletes from the Turkmen State Institute of Physical Culture and Sports performed successfully and took prize-winning places. Winners were ceremoniously awarded Certificates of Honor and medals.

The regular holding of such competitions is of particular importance for identifying talented, skilled, and promising young athletes.

**Dovletgeldi JUMAYEV,**
**Senior Lecturer at the Department of Combat Sports, Turkmen State Institute of Physical Culture and Sports, Master of Sports in Combat Sambo**

# STUDENT-ATHLETES SUCCEED AT JIU-JITSU WORLDCHAMPIONSHIPS

☑ The Turkmenistan national team showed impressive results at the Jiu-Jitsu World Championships, which took place in Heraklion, Greece. Our athletes won 5 gold, 6 silver and 10 bronze medals. The fact that the most medallists were students testifies that young people in our country have every opportunity to excel academically and display their talents in various sports. The students from the Turkmen State Institute of Physical Culture and Sports form the backbone of the national team in several sports. Along with them, the students from other institutions of higher education contribute to the medal count of the Turkmenistan team. The World Championships in Greece confirmed this once again.

The tournament in Heraklion brought together around 1,000 athletes from 72 countries. The Turkmenistan team defended the sporting reputation of the country in the contact and combat events. The Turkmenistan national team ranked sixth in the team standings at the Jiu-Jitsu World Championships.

**Prepared by**
**Orazbibi HAJYAMANOVA,**
**A first-year student, Department of Sports Journalism, Turkmen State Institute of Physical Culture and Sports**

# GOLF — ŞÄHDAÇYKLYGYŇ OÝNY

☑ Sport görnüşleriniň içinde golf has gyzykly oýunlaryň biri hasaplanýar. Bu oýun bilen meşgullanýan adamlar şähdaçyk hem şadyýan bolýarlar. Golf oýny dünýä döwletleriniň arasynda giňden ýaýran sport görnüşleriniň biri hasaplanýar. Golf oýny oýnalýan meýdança ýaşyl landşafty, gözelligi we daşky owadanlygy talap edýär. Häzirki wagtda dünýä halklarynda ýaşaýan adamlaryň 50 million töweregi bu oýun bilen gyzyklanýar. Ýöne bu görkeziji güngünden barha artýar. Bu bolsa golfa isleg bildirýän adamlaryň sanynyň has-da köpdügine subutnama bolup durýar.

Bilşimiz ýaly, sport görnüşi bolsun, ýa başga zat bolsun, islendik zadyň döreýşi we onuň gelip çykyşy bilen baglanyşykly taryhy bolýar. Geliň, sözümiziň şu ýerinde golf oýnunyň taryhy dogrusynda durup geçeliň. Bu dünýä meşhur golf oýnunyň taryhy diýseň gyzykly we çylşyrymly. Sebäbi oýnuň gelip çykyşy Şotlandiýa döwleti bilen baglanyşykly bolsa-da, Niderlandlar, Hytaý ýaly döwletleriň belli taryhy çeşmelerinde hem şu döwletlerde bu oýnuň dörändigi barada maglumatlara duşmak bolýar. Ýöne golf oýnunyň 18 çukurly görnüşiniň diňe Şotlandiýa döwletinde XV asyryň ahyrynda döränligi hakyndaky maglumatlary taryhçylaryň işlerinde görmek bolýar. Şol esasdan hem bu oýnuň taryhy Şotlandiýa döwletine degişli hasap edilýär.

**Ahmet JUMAÝEW,**
**Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.**



# EKOLOGIÝA WE ÝAŞLAR SYÝASATY

☑ Ýaşaýan gurşawymyz — bu biziň öýümiz. Ony gorap saklamak ýer ýüzünde ýaşaýan her bir ynsanyň mukaddes borjudyr. Jemgyýetiň syýasy guramasy hökmünde döwletiň ekologik wezipesi onuň ýerine ýetirýän wezipeleriniň ulgamynda aýratyn orun tutýar. Jemgyýetiň we tebigatyň özara gatnaşygynyň ähmiýetiniň artmagy, ekologik ýagdaýyň ýitileşmegi döwletiň içerki wezipeleriniň biri hökmünde özbaşdak ekologik wezipäniň ýüze çykmagyna getirdi. Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, tebigy serişdeler adamyň ýaşaýşynyň we işiniň esasy hökmünde rejeli peýdalanmaga we goralmaga degişlidir. Türkmenistan döwletimiz adamyň, raýatyň ekologik hukuklaryny goraýar, kepillendirýär.

Ýaşlar ýurdumyzyň geljegini gurujylardyr. Geljek ylymly-bilimli, giň dünýägaraýyşly mynasyp nesillere baglydyr. Ekologiýa syýasatyna ýaşlaryň işjeň goşulmagy, munuň özi, şeýle bagtyýar geljegi gurujylar üçin kämil binýat bolup durýar. Ýaş nesliň asylly ýörelgelerden ugur alýan ählihalk çärelere işjeň goşulyşmagy döwletimizde sagdyn pikirli, kämil, asylly terbiýeli ýaşlaryň kemala gelýändiginiň aýdyň subutnamasydyr. Ählihalk ýowaryna gatnaşmak, el-ele berip, Watanymyzyň gülläp ösmegine mynasyp goşant goşmak her bir ýaş nesil üçin belent jogapkärçilik hem-de bagt bolsa gerek. Ýurdumyzyň döwletli tutumlaryna goşulyşmak ýaşlary her bir işde ruhlandyrýar hem buýsandyrýar. Tebigatymyzyň gözelleşmegine mynasyp goşant bolup durýan ählihalk ýowaryna hormatly Prezidentimiziň hut özüniň gatnaşyp, ak pata bermegi Watanyň geljeginiň kuwwatly nesli üçin mynasyp çagyryşdyr.

Ekologiýany goramak ugrunda taýsyz tagallalary edýän, ýaşlara nusgalyk görelde bolup, belent maksatlara ruhlandyrýan we Watanymyzyň şöhratly geljegini dabaralandyrjak mynasyp nesilleri ýetişdirmekde uly aladalar edýän Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiziň janlary sag, belent başlary aman bolsun! Il-ýurt bähbitli, dünýä ähmiýetli beýik işleri rowaç bolsun.

**Begmämmet ATAÝEW,**
**Beki Seýtäkow adyndaky Mugallymçylyk mekdebiniň talyby.**

# EKOLOGIÝA MEDENIÝETI

☑ Ýaşlarda ekologik medeniýeti terbiýelemekde esasy edebiýatlaryň Gahryman Arkadagymyzyň jöwher paýhasyndan kemal tapan «Türkmenistan — melhemler mekany», «Suw — ýaşaýşyň hem bolçulygyň çeşmesi» we beýleki eserleri bolup durýandygyny bellemek gerek. Alym Arkadagymyzyň «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly ylmy ensiklopedik eseri hem bu babatda bahasyna ýetip bolmajak gollanmadyr. Bu kitapda ýurdumyzda ösýän ösümlikleriň dermanlyk häsiýetleri, olaryň ynsan saglygyna peýdasy dogrusynda ylmy maglumatlar getirilýär. Şolaryň üsti bilen ýaşlarda ýurdumyzyň ösümlik dünýäsine bolan söýgini terbiýeleýäris.

Ýaşlaryň tebigat bilen ýakynlygyny gazanmak, olarda tebigatyň täsinliklerini, haýwanat we ösümlik dünýäsini öwrenmäge bolan höwesi döretmek arkaly daşky gurşawa bolan söýgini döredip bolýar. Şunda tebigatyň gözel ýerlerine, Janly tebigatyň milli muzeýine, botanika bagyna, gözel Diýarymyzyň tebigy goraghanalaryna guralýan gezelençleriň ähmiýeti örän uludyr. Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Daşoguz welaýatynyň Köneürgenç etrap Geňeşi tarapyndan şeýle gezelençleriň ençemesi guralýar. Bu guralýan gezelençlere Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Daşoguz welaýatynyň Köneürgenç etrap Geňeşiniň işjeň agzalary yzygiderli gatnaşýarlar.

Ýaş nesliň tebigat hakdaky maglumat gorlarynyň baý bolmagy hem wajypdyr. Muny olary neşir edilýän täze kitaplar, gazet-žurnallarda çap edilýän makalalar bilen tanyşdyrmak, olara tebigatyň ajaýyplyklaryny beýan edýän wideofilmleri görkezmek arkaly gazanmak mümkin bolar. Şonuň ýaly-da, ýazyjy-şahyrlaryň şu tema ýüzlenip döreden ulubly-kiçili çeper eserleri hem ýaşlarda uly täsir galdyrýar.

**Mergen ÖWEZOW,**
**TMÝG-niň Köneürgenç etrap Geňeşiniň başlygy.**

# TALYP SPORTY ROWAÇLANÝAR

☑ Eziz Diýarymyzda ykdysadyýetimiziň ähli pudaklary batly gadamlar bilen ösdürilýär. Bu ugurda ýurdumyzda dürli pudaklarda zähmet çekjek hünärmenleri taýýarlamakda uly tagallalar edilýär. Aýratyn-da, ýaş hünärmenleriň sagdyn bedenli, kämil ruhly bolmagynda sport türgenleşik işleriniň gerimi has-da giňeýär.

Ata Watanymyzy sagdynlygyň we sportuň mekanyna öwren, sagdyn durmuş ýörelgesiniň rowaçlanmagyna, köpçülikleýin bedenterbiýäniň we sportuň ösmegine dünýä nusgalyk ýol açan, türkmen halkyny asuda, abadan, parahat, bagtyýar durmuşda ýaşadýan Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taryhy Karary esasynda 2023-nji ýylyň 1-nji sentýabrynda biziň ýokary okuw mekdebimiziň talyplarynyň başyny göge direjek waka boldy. Has dogrusy, Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň ýanaşyk çäklerinde 2000 orunlyk goşmaça okuw binalary we 800 orunlyk umumyýaşaýyş jaýlary hem-de institutyň golaýyndan geçýän aýlawly ýolda oturdyljak monument bilen bir hatarda sport desgasynyň hem düýbüni tutmak dabarasy geçirildi. Bu bolsa sportuň dürli ugurlary bilen meşgullanýan institutymyzyň talyp ýaşlaryny diýseň begendirdi. Mundan başga-da, häzirki wagtda hem biziň ýokary okuw mekdebimiziň çäklerinde sportuň dürli ugurlary bilen meşgullanmaga döwrebap şertler bar. Men hem häzirki wagtda milli göreş bilen meşgullanyp, halypa mugallymlarymyzyň tälimçilik etmeginde ýurdumyzda geçirilýän birnäçe ýaryşlara gatnaşýaryn. Institutymyzda sportuň woleýbol, futbol, stol tennisi, küşt, düzzüm we beýleki görnüşleri bilen meşgullanmaga birnäçe şertler bar. Şeýle-de talyplar sport klubumyzda ussat tälimçilerimiziň bolmagy talyplarda sporta bolan höwesi has-da artdyrýar. Häzirki wagtda hem talyp ýaşlaryň arasynda Halkara Bitaraplyk güni mynasybetli birnäçe sport bäsleşikleri geçirilýär.

Biz türgen talyplara şeýle şertleriň hem-de mümkinçilikleriň ählisini döredip berýän Gahryman Arkadagymyza hem-de bu döwletli başlangyjy mynasyp dowam etdirýän hormatly Prezidentimize sagbolsun aýdýarys. Goý, türkmen sportunyň ýeňişli menzilleri hemişe dowamat-dowam bolsun!

**Nurjahan ŞAMYRADOWA,**
**Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň talyby.**

# GÖZELLIKLER MEKANY

☑ Köpsanly uzyn-uzyn kert gaýalary, owadan jülgeleri we çeşmeleri özünde jemleýän Köýtendag dünýäniň iň owadan ýerleriniň biridir. Bu ýerdäki täsinlikler islendik adamy özüne bendi edýär. Gaýtalanmajak gözelligi emele getirýän dag jülgelerinde gezim edip, dagyň arassa we hoşamaý howasyndan dem almagyň özi islendik adama aýratyn bir duýgyny bagyşlaýar. Alymlaryň aýtmaklaryna görä, Köýtendag daş asyryndan hem öň emele gelipdir. Dagyň Aýrybaba belentligi ýurdumyzyň iň beýik nokady hasaplanyp, onuň beýikligi 3 müň 139 metre barabardyr. Dagyň ösümlikleriň we haýwanlaryň seýrek duş gelýän görnüşleriniň birnäçesine duş gelmek mümkin.

Köýtendagyň gowaklary-da tebigy täsinlikleriň jemlenen ýerleriniň biridir. Dagyň Umbar, Daraýy, Kyrkgyz, Hojagarawul ýaly täsin we gözel dereleri özleriniň täsin keşbi bilen tapawutlanýar. Dürli ýyllaryň dowamynda bu ýeriniň aýratynlyklaryny öwrenmek maksady bilen ylmy-amaly maslahatlaryň, gezelençleriň birnäçesi geçirildi. Derelerden gaýdýan şaglawuklaryň dury we süýji suwlary daş-töwerege aýratyn salkynlyk çaýýar. Kerkaw, dagdan, çynar, arça ýaly agaçlardan, ýabany üzümlerden ybarat bolan tokaýlar dagyň howasyny has hem jana ýakymly edýär. Köýtendagy dünýä meşhur eden täsinlikleriň ýene-de biri Köýten kölüdir. Köýten obasynyň golaýynda ýerleşýän, dury suwly Köýten köli ýurdumyzdaky iň çuň kölleriň biridir.

Bahar paslynda dagyň owadan güllerini synlamaga gelýän jahankeşdeleriň sany has hem köpelýär. Çigildemiň ýurdumyzda duş gelýän 16 görnüşiniň 8-siniň Köýtendagda bitýänligi onuň aýratynlygydyr. Deňiz derejesinden 700 — 3000 metr belentlikde, ýagny dagyň orta we ýokary guşaklygynda bitýän uly gozaly çigildem gülüniň bu görnüşiniň iň owadan we seýrek duş gelýän görnüşidir.

Köýtendagyň tebigy gözelliklerini we täsinliklerini gorap saklamak, ylmy taýdan öwrenmek boýunça ýurdumyzda giň gerimli işler alnyp barylýar.

**Döwletgeldi BATYROW,**
**TMÝG-niň Köýtendag etrap Geňeşiniň başlygy.**

# TYMSALLAR

## DAÝHAN WE MEKGEJÖWEN

☑ Bir gün habarçy bir daýhanyň ýanyna baryp, onuň ýokary hilli mekgejöwen ýetişdirip, ähli bäsleşiklerde ýeňiş gazanmagynyň syryny sorapdyr. Daýhan jogap beripdir: onuň syry diňe öz mekgejöwen tohumlarymyň iň gowularyny goňşularyma ekmek üçin paýlaýandygymdadyr.

— Ýöne näme üçin iň gowy tohumlaryňy goňşularyňa paýlaýarsyň? Ahyrynda, olar hem saňa bäsdeş bolup, şol bäsleşiklere gatnaşýarlar ahyry — diýip, habarçy geň galyp soraýar.

Daýhan ýylgyryp jogap berýär:

— Şuny düşünmeli: şemal meniň ekin meýdanlarymdaky tozanjyklary goňşularyň meýdanlaryna, olaryňkyny bolsa meniň meýdanlaryma geçirýär. Eger goňşularym pes hilli sortlar ekse, wagtyň geçmegi bilen meniň ekinlerim hem kämilligini ýitirip başlar. Her kim öz ekinine nädip ideg etse etsin, emma daş-töweregimizdäki hasyl ýokary hilli bolsa, bu hemmämiz üçin peýdalydyr.

Ine, bu ýagdaý durmuşda adamlaryň arasynda hem bolýandyr. Üstünlik gazanmak isleýän adamlar töweregindäki adamlara ýardam berip, olaryň üstünlik gazanmagyna kömek etmeli. Sebäbi daş-töweregiňde adamlaryň durmuş derejesi gowulansa, seniň özüň hem oňaýly ýagdaýda ýaşarsyň. Biz bu dünýäde hemmämiz biri-birimiz bilen baglanyşykda ýaşaýarys.

**Taýýarlan Albina ZAKIRJANOWA,**
**Türkmen oba hojalyk institutynyň talyby.**

## DAŞ ÝONUJY

☑ Bir wagtlar daşy ýonmakdan ýadan bir daş ýonujy bolupdyr. Ol çäksiz yssy Günüň aşagynda dagy döwüp işlemäge çydaman şikaýat edipdir.

— Bu durmuşdan göwnüm geçdi. Daşy ýonup-ýonup tapdan düşýän. Üstesine hemişe Günüň astynda işlemeli! Eger men Gün bolup bilsem, asmanda beýikde ýaşardym, hemmäni şöhläm bilen nurlandyrardym — diýip, daş ýonujy arzuw edýär. Bir gudrat bolýar we onuň dilegi eşidilip, şolbada Güne öwrülýär. Ol arzuwynyň hasyl bolandygyny görüp, örän bagtly bolýar. Emma şatlyk bilen şöhlelerini saçyp ýörkä, bulutlaryň şol şöhleleriň öňüni baglaýandygyny görýär.

— Gün bolmagyň näme peýdasy bar, eger kiçijik bulutlar meniň şöhlelerimi saklap bilýän bolsa! — diýip, daş ýonujy käýinýär. — Eger bulut Gündenem güýçli bolsa, bulut bolsam gerek! Şeýdibem, ol bulut bolýar. Ol bütin dünýäni aýlanyp, ýagyş ýagdyryp başlaýar, ýöne şemal turup, bulutlary dargadýar.

— Şemal bulutlary dargadyp bilýär, diýmek, şemal has güýçli! Men şemal bolmak isleýärin! — diýip, ol karar berýär. Ol şemal bolýar. Dünýäki ýaly dünýäniň üstünden öwüsýär, tupanlary döredýär, güýçli şemallary ösdürýär. Emma birden öňüne bir päsgelçilik çykýar. Ol beýik we örän berk bir dag eken.

— Eger bir dag meni saklap bilýän bolsa, şemal bolmagyň peýdasy näme? Dag ähli zatdan güýçlüdir! — diýip, ol bu gezek dag bolmak isledi. Şeýdip, ol daga öwrülýär. Emma birden onuň bir bölegine bir zat urýanyny duýýar. Özünden güýçli bir zat ony döwüp başlaýar. Bu bolsa... kiçijik bir daş ýonujydy!

**Taýýarlan Gülşeker ABAÝEWA,**
**Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň talyby.**

# ПРИЗЁРЫ ДВУХ СОСТЯЗАНИЙ

☑ Крупного успеха добились туркменские спортсмены в ходе чемпионата мира по рукопашному бою, проходившего в городе Бухара (Узбекистан). Копилка спортивных достижений нашей страны пополнилась четырьмя бронзовыми медалями. Там же был проведён и 8-й чемпионат Азии по боевому искусству Пенчак силат, где наши соотечественники удостоились одной серебряной и двух бронзовых наград.

Рукопашный бой – один из самых эффективных систем защиты и нападения, вобравшая в себя многофункциональные элементы из арсенала многих видов единоборств, которые опробованы в реальной деятельности. Дело в том, что эта дисциплина была смоделирована в армейских условиях. А датой рождения спортивной версии рукопашного боя можно считать 1979 год, когда в литовском Каунасе, на базе одной из гвардейских воздушно-десантных дивизий состоялся первый чемпионат ВДВ по этому набирающему год от года популярность боевому искусству.

На сегодняшний день данный вид единоборств объединяет под своими знамёнами миллионы последователей во всём мире. Ведь, постигая тонкости рукопашного боя, спортсмен в итоге становится мастером бокса, вольной и греко-римской борьбы, самбо, дзюдо и многих других бойцовских видов. Плюс ко всему такая разносторонность действий придаёт особую зрелищность поединкам во время соревнований. Поэтому турниры по этому виду спорта всегда собирают большое число зрителей.

В этих состязаниях приняли участие более 300 бойцов из 34 стран. От Туркменистана были представлены девять спортсменов, четверо из которых проложили себе путь к пьедесталу почёта.

**«7/24.tm»**

# ÝOL ÝAZGYLARY

**Seýil edeliň bu jahana,**
**Jahanda näler görüner.**
**Magtymguly Pyragy**

☑ Ýadyma düşýär, oglan wagtlarymyz kimdir biri gaýry bir ýurda ýaryşa gidip gelse, onuň daşyna egrelişip, gürrüňini diňleýänimiz. Özem bizi onuň ýaryşda nähili çykyş edendigi bilen birlikde bolup gelen şäheri, ol ýeriň adamlarynyň ýaşaýşy, edim-gylymlary, däp-dessurlary, dag-düzleri, çöl-sähralary, garaz, ähli ýagdaýlary hem gyzyklandyrýardy. Häzir Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ýadawsyz tagallalary bilen ýurdumyzyň türgenleri dünýäniň dürli künjeklerinde geçirilýän iri halkara ýaryşlaryna häli-şindi gatnaşýarlar. Institutymyzda sport žurnalisti hünäri boýunça bilim alýan talyp žurnalistlerimiz hem bada-bat olar bilen duşuşyp, diňe bir ýaryş däl, eýsem olaryň bolan ýerleri, göreneşidenleri hakynda hem sorap, gyzykly makala ýazmagyň hyýalyna münýärler. Köplenç halatda, olaryň yhlasy ýerine hem düşýär, çünki türgenleriň özleri hem gören-eşidenleri hakynda uly höwes bilen gürrüň berýärler. Aslynda, sport bilen syýahatçylygy biri-birinden uzaklaşdyryp hem bolmaýar. Sportuň birnäçe görnüşleri bolsa (alpinizim, dag-lyža sporty, ýelkenli sport we ş.m.) gönüden-göni syýahatçylyk bilen baglanyşykly. Dogrusyny aýtsaň, syýahatçylygyň özi hem sport. Üstesine hem, sport bilen meşgullanýan, dürli ýurtlara ýaryşlara gidýän türgenler dünýäniň geň-enaýy künjekleri hakynda has köp bilmäge höwesek. Geografiýa, geologiýa, biologiýa, gidrologiýa, okeanologiýa we beýleki ugurlar boýunça ýygnan maglumatlarymy peýdalanyp, kagyz ýüzüne geçiren şu «Ýol ýazgylarymy» «Türkmenistan Sport» halkara žurnalynyň redaksiýasyna hödürlemegimiň sebäbi hem şundan ybarat. Žurnalyň sahypalarynda dünýäniň dört künjegine gaýybana syýahat etmek okyjylar üçin hem gyzykly bolsa gerek. Eger-de şeýle bolsa, geň-enaýy zatlary bilmek, tebigatyň täsin syrlaryny açmak üçin syýahata ýola düşeliň...

### 1-nji syýahat
### ÖÝDEN ÇYKYLMAN EDILEN AÇYŞLAR

☑ 1-nji syýahatyň sözbaşysyny okan okyjynyň alasarmyk duýgulary başdan geçirýändigini aňýaryn. Bolman näme, syýahatçylyk küje, öýden çykmazlyk küje?! «Ýol ýazgylary» ýolda ýazylar ahbeti... Okyjynyň köňlünde döreýän soňsuz sowallara jogap bermek üçin ylmy-fantastika edebi žanrynyň düýbüni tutujy, meşhur ýazyjy Žýul Werniň döredijiligine salgylanalyň, bu ýazyjynyň romanlarynyň birnäçesini terjime edip, türkmen okyjylaryna ýetirmek maňa miýesser etdi. Adatça, ýazyjylar öz durmuş tejribesine esaslanyp, gören, başyndan geçiren wakalary hakynda ýazýarlar. Muňa göz ýetirmek üçin Žýul Werniň döwürdeşleri Mopassany, Turgenewi, Bret-Garty ýatlamak ýeterlik bolsa gerek. Olaryň döreden eserleriniň hemmesi öz şahsy durmuşynda galan täsirlere esaslanýar. Žýul Wern babatynda aýdanymyzda bolsa, bu düýbünden başgaçadyr. Onuň eserleriniň gahrymanlary ýer ýüzüne Ýeriň üsti, Ýeriň asty, suwuň üsti, suwuň asty, howa boýunça syýahat edýärler. Olar syýahat üçin adaty ulag serişdelerinden başlap, akyla sygmajak täsin serişdeleri ulanýarlar. Onuň gahrymanlary dünýä ýüzüne pyýada ýöräp, at-eşekden başlap, pile çenli dürli jandarlara atlanyp, howa şarlary, täsin uçarlar bilen uçup, suw gämilerinde, suwasty gämilerde ýüzüp syýahat edýärler. Olar diňe bir Ýeriň ýüzüne däl, aýa we beýleki planetalara hem aýlanýarlar. Žýul Wern aýy, beýleki planetalary, suw astyny, ýeriň jümmüşini hasap etmänimizde hem hiç haçan Afrikada hem, Awstraliýada hem, Hindistandyr Argentinada-da, Gimalaý daglarynda-da, Nil derýasynda-da we beýleki künjeklerde-de bolup görmändir. Ol dünýä ýüzüniň geň-enaýy-lyklaryny öz iş otagyndan çykman ýazyp beýan edipdir. Ýöne onuň öz eserlerinde suratlandyran ajaýyp görnüşleri okyjylaryň hyýalyny özüne bendi etdi. Çünki ýazyjynyň eserleri ylmy faktlara esaslanýar.

Geliň, biz hem «Türkmenistan Sport» halkara žurnalynyň sahypalarynyň üsti bilen, öýümizden, iş otagymyzdan çykman, dünýä ýüzüne syýahat etmäge synanyşalyň. Onsoňam, diňe bir syýahat däl, öýüň içinden çykman edilen geografiýa açyşlar hem az däl. Hawa, her näçe täsin hem bolsa uçgyraksyz ummanda gugaryp oturan adalaryň birnäçesi, ilki bilen iş otagynda açyldy, onuň hakykat ýüzünde bardygy bolsa soňra subut edildi. Onda näme, «öýüň içinde» açylan adalar bilen tanyş bolalyň. Munuň üçin bize dünýä kartasy gerek bolar.

Kartadan müňlerçe kilometrlere ýaýylyp ýatan Demirgazyk Buzly ummanyny tapyň. Zemindäki ummanlaryň iň demirgazykdakysy bolan bu ummanyň tebigy şertleri gaty ýowuz. Hatda tomsuň ortaky aýlarynda hem onuň tolkun atyp ýatan uç-gyraksyz suwlarynda ägirt uly buzluk meýdanlar, buz harsaňlary ýüzüşip ýör, olaryň arasy ululy-kiçili suwluklar bilen bölünýär. Ümmülmez meýdany tutýan şunuň ýaly tozap ýatan ymgyr buzluklar ir döwürlerden bäri syýahatçylaryň ünsüni çekipdir, çünki hut demirgazyk deňizleriniň üstünden gündogar bilen günbatary birleşdirýän iň gysga deňiz ýoly — Beýik Demirgazyk Deňiz ýoly geçýär. Bu ýoly özleşdirmek adamzat nesliniň asyrlarboýy arzuwy.

Bu babatda 1725-nji ýyldan 1743-nji ýyla çenli dowam eden, dünýä ýüzünde giň meşhurlyga eýe bolan Beýik Demirgazyk ekspedisiýasy uly işleri amala aşyrdy. Bu topar Demirgazyk Buzly ummanyň Ýewraziýa kenarlaryny öwrendi. Ondan soňra kenarýaka döwletler Demirgazygy öwrenmek meselesine gyzyklanma bildirmediler. Dogry, meşhur alym M.W. Lomonosow demirgazyk deňizlerinde ylmy-barlaglary geçirmek üçin barlag toparlaryny ýörişe ugratmaga ygtyýarnama almak üçin tutanýerlilik bilen işleýär, ýöne onuň tagallasy hem hökümet tarapyndan goldaw tapmaýar.

**(Dowamy bar)**

**Gurbangeldi MÄMMETSÄHEDOW,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň mugallymy.**

# ARZUWLARY HASYL BOLAN PYRAGY

☑ Üstümizdäki ýylymyzyň «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýyly diýlip yglan edilmegi, bu ýylda beýik türkmen akyldary, şahyr Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllyk baýramçylygy bilen baglanyşdyrylyp, taryhy senä bagyşlanyp, döwlet derejesinde we halkara derejesinde geçirilýän medeni çäreler, forumlar, maslahatlar ýurdumyzyň halkara derejesindäki at-abraýynyň hasam artmagyna uly ähmiýet berdi.

Gündogaryň akyldar şahyry Magtymguly Pyragynyň saýlanan eserler ýygyndysynyň türkmen, rus we iňlis dillerindäki nusgalarynyň Russiýa Federasiýasynyň Ylymlar akademiýasynyň kitaphana gaznasyna, Sankt Peterburgyň döwlet uniwersitetiniň M.Gorkiý adyndaky ylmy kitaphanasyna, Russiýanyň Ylymlar akademiýasynyň kitaphanasyna, Russiýanyň Milli kitaphanasyna, M.I.Rudomino adyndaky Bütinrussiýa döwlet daşary ýurt edebiýaty kitaphanasyna, şonuň ýaly-da Russiýa döwletiniň iň bir abraýly ýokary okuw jaýlarynyň birnäçesine gowşurylandygy baradaky habar hem Magtymguly atamyzyň dünýä ýüzünde edýän seýiliniň dowamyna öwrüldi. Bir söz bilen aýdanymyzda, beýik akyldar aýtmyşlaýyn:

**Göwünler, ýürekler, bir bolup başlar,**
**Tartsa ýygyn, erär topraklar-daşlar,**
**Bir suprada taýýar kylynsa aşlar,**
**Göteriler ol ykbaly türkmeniň**

— diýilýän zamanada, ähli arzuwlaryň we islegleriň hasyl bolýan döwründe Magtymguly atamyzyň üç asyr mundan ozal eden arzuwlary hakykata öwrüldi.

Ata Watanymyzy ösüşlerden ösüşlere alyp barýan, Gündogaryň beýik akyldary Magtymguly Pyragynyň döredijiligini dünýä ýaýmakda, şahyryň eden arzuwlaryny hasyl etmekde nusgalyk işleri durmuşa geçirýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, durmuşa geçirýän il bähbitli, dünýä ähmiýetli tutumly işleri mydama rowaçlyklara beslensin!

**Gunça BAÝJANOWA,**
**Görogly etrabyndaky 18-nji orta mekdebiň müdiri,**
**TDP-niň Görogly etrap komitetiniň işjeň agzasy.**

# TÜRKMENISTAN — SPORT ÝURDY

Hormatly Prezidentimiz ýaşlarymyzyň beden taýdan sagdyn, ruhy taýdan kämil bolmaklary üçin ähli mümkinçilikleri döredip berýär. Paýtagtymyz Aşgabatda we welaýatlarda dünýä ülňülerine laýyk gelýän sport desgalary, sport mekdepleri yzygiderli gurlup ulanylmaga berilýär. Munuň özi halkymyzda, aýratyn hem, ýaş türgenlerimizde uly buýsanç döredýär, dünýä jemgyýetçiliginiň ünsüni özüne çekýär.

Sport — saglyk, sport — bagtyýarlyk. Sport her bir adama sagdynlyk we bagtyýarlyk bagyş edýär. Bu bolsa durmuşa we döredijilikli zähmete ruhlandyrýar. Saglyk we bagtyýarlyk biri-birine sazlaşýan durmuş ýörelgeleri bolup durýan bolsa, bu sazlaşygyň berkarar edilýändigine biz bu günki gün şaýat bolýarys. Adamlaryň saglygyny berkitmäge oňyn täsir edýän sport her bir türkmenistanlynyň durmuşynda asylly endige öwrülýär. Bu bolsa sagdyn nesilli kämil jemgyýetiň kemala gelmeginde möhüm ähmiýete eýedir. Her bir günümiz toýlara beslenýän ýurdumyzda sport dabaralary bagtyýarlygy, ruhubelentligi we parahatçylygy wasp edýän belent mukamlaryň astynda ýaňlanjak aýdymlar raýatlarymyzy döredijilikli zähmete we bagtyýar durmuşa höwes döredýär. Halkymyzyň abadan we bagtyýar durmuşy üçin ägirt uly işleri durmuşa geçirýän hormatly Prezidentimize bimöçber aladalary üçin çäksiz hoşallyk bildirýäris.

**Mekangeldi HYDYROW,**
**Beki Seýtäkow adyndaky Mugallymçylyk mekdebiniň talyby.**

29-njy oktýabrda köpugurly sport toplumynda «Türkmenistan — ruhubelentligiň we sagdynlygyň ýurdy» atly XIV uniwersiadanyň çäklerinde ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda sportuň sambo görnüşi boýunça ýaryş geçirildi.

Bu ýaryşa talyp ýaşlar işjeň gatnaşyp, ussatlyklaryny görkezdiler. Ýaryşa ýokary okuw mekdebimiziň talyplary hem gatnaşyp, baýrakly orunlara mynasyp boldular. Ýeňiji bolan talyp türgenlere Hormat hatlary we medallar gowşuryldy. Uniwersiadanyň çäklerinde dowam edýän ýaryşlar örän gyzgalaňlylygy bilen tapawutlanýar.

«Türkmenistan — ruhubelentligiň we sagdynlygyň ýurdy» atly XIV uniwersiadanyň 2025-nji ýylyň aprel aýyna çenli dowam edýändigini ýatladýarys.

**Maral ŞAMUHAMMEDOWA,**
**TDBSI-niň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.**

27-nji oktýabrda Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň Köpugurly sport toplumynda sambo we söweş sambosy boýunça erkek we zenan türgenleriň arasynda Türkmenistanyň Söweş sungaty Milli federasiýasynyň kubogy ugrundaky ýaryş geçirildi.

Ýaryşa ýurdumyzyň dürli künjeklerinden zenan we erkek türgenler gatnaşdylar. Ýaryş gyzykly geçdi. Onda Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň türgenleri çykyş edip, baýrakly orunlara mynasyp boldular. Ýeňiji bolan türgenlere Hormat hatlary we medallar dabaraly ýagdaýda gowşuryldy.

Şeýle ýaryşlaryň yzygiderli geçirilip durulmagy ýaşlarymyzyň arasyndan ukyply, zehinli, başarnykly türgenleriň ýüze çykmagynda aýratyn ähmiýete eýedir.

**Döwletgeldi JUMAÝEW,**
**TDBSI-niň Sportuň göreş görnüşleri kafedrasynyň uly mugallymy, söweş sambosy boýunça sport ussady.**

Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komitetiniň Täze zaman sport toplumynyň türgenleriniň arasynda sportuň dürli görnüşleri boýunça sport çäresi geçirildi. Bu ýerde ýaşlary sportuň ähli görnüşleri boýunça ýaryşlara, döredijilik işlerine höweslendirmek üçin ähli mümkinçilikler döredilýär. Täze zaman sport toplumynda geçirilen sport duşuşyklarynda ýeňiş gazanan türgenler Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Aşgabat şäheriniň Bagtyýarlyk etrap Geňeşi tarapyndan gymmat bahaly ýadygärlik sowgatlary bilen sylaglanyldy.

Çäräniň ahyrynda oňa gatnaşan türgenler özleri üçin döredilýän şertler, mümkinçilikler üçin Gahryman Arkadagymyza, hormatly Prezidentimize alkyş sözlerini beýan etdiler.

**Altyn DURDYÝEWA,**
**TMÝG-niň Aşgabat şäheriniň Bagtyýarlyk etrap Geňeşiniň guramaçylyk bölüminiň esasy hünärmeni.**

Aşgabat şäheriniň bedenterbiýe we sport baradaky Baş müdirliginiň guramagynda Ýöriteleşdirilen küşt we şaşka mekdebinde sportuň küşt görnüşi boýunça 14 we 16 ýaşa çenli oglan-gyzlaryň arasynda aýratynlykda Aşgabat şäheriniň birinjiligi geçirildi. Bu geçirilen ýaryşda jemi 156 türgen çykyş etdi. Sportuň küşt görnüşi boýunça 14 we 16 ýaşa çenli oglan-gyzlaryň arasynda Halkara küşt federasiýasynyň düzgünlerine we kadalaryna laýyklykda geçirilen ýaryşlar 9 tapgyrdan ybarat bolup, şweýsar usulynda geçirildi.

14 ýaşa çenli oglanlaryň arasynda 1-nji orny Serdar Ylhasow, 2-nji orny Süleýman Baýrambaýew, 3-nji orny Mahmut Meredow eýeledi. Gyzlaryň arasynda 1-nji orna Nurana Serdarowa, 2-nji orna Perwana Serdarowa, 3-nji orna Nurana Söýünowa mynasyp boldy.

16 ýaşa çenli oglanlaryň arasynda 1-nji orny Isgenderşyh Agalyýew, 2-nji orny Ali Ahmedow, 3-nji orny Waleriý Kalaşnikow eýeledi. Gyzlaryň arasynda 1-nji orna Mährijemal Gurbangeldiýewa, 2-nji orna Aýşa Aşyrowa, 3-nji orna Leýli Meretmyradowa mynasyp boldy.

Ýaryşda ýeňiş gazanan türgenlere Aşgabat şäheriniň bedenterbiýe we sport baradaky Baş müdirliginiň Hormat hatlary dabaraly ýagdaýda gowşuryldy.

**Ogulbossan MERETLIÝEWA,**
**Aşgabat şäheriniň Ýöriteleşdirilen küşt we şaşka mekdebiniň instruktor-usulyýetçisi.**

Balkan welaýatynyň bedenterbiýe we sport baradaky Baş müdirliginiň Gyzylarbat etrabynyň bedenterbiýe we sport bölüminiň 2-nji sport mekdebiniň guramagynda etrabyň sport desgasynda boks boýunça 2010-2011-nji we 2012-2013-nji ýyllarda doglan mekdep okuwçylarynyň arasynda Balkan welaýatynyň birinjiligi ugrunda ýaryş geçirildi. Ýaryşa welaýatymyzdan 150 türgen gatnaşdy. Ýaryş diýseň çekeleşikli we gyzgalaňly boldy.

Umumytoparlaýyn bäsleşikde Gyzylarbat etrabynyň topary ýeňiji boldy. 2-nji orna Türkmenbaşy şäheriniň topary, 3-nji orna Balkanabat şäheriniň topary mynasyp boldy. Bäsleşige gatnaşan Bereket etrabynyň Hazar şäheriniň toparlary hem ýatdagalyjy oýun görkezdiler.

Welaýat birinjiliginde ýeňiji bolan türgenlere Balkan welaýatynyň bedenterbiýe we sport baradaky Baş müdirliginiň Hormat hatlary we Gyzylarbat etrabynyň jemgyýetçilik guramalarynyň ýadygärlik sowgatlary dabaraly ýagdaýda gowşuryldy.

**Gülälek NURYÝEWA,**
**Gyzylarbat etrabynyň bedenterbiýe we sport bölüminiň 2-nji sport mekdebiniň instruktor-usulyýetçisi.**

# SPORT ÝARYŞLARYNDAKY REKORDLAR

### 200 METRE KEBELEKLÄP ÝÜZMEK

☑ Amerikaly Keýt Duglass Günorta Koreýanyň Inçhon şäherinde geçirilen suwda ýüzmek boýunça Dünýä kubogynyň ikinji tapgyrynda 200 metr aralyga kebelekläp ýüzmekde täze dünýä rekordyny goýdy. Türgen bu aralygy 2 minut 14,16 sekuntda geçdi. Ol watandaşy Rebekka Soniniň 2009-njy ýylda goýan rekordyny (2.14,57) täzeledi. Ikinji orny awstraliýaly Tara Kinder (2.19,21), üçünji orny Günorta Koreýanyň wekili Pak Si Yn (2.19,58) eýeledi. 22 ýaşly Duglass Pariž Olimpiadasynyň iki çempionydyr. Şeýle-de, ol dünýä çempionatlarynda dört altyn medal gazandy.

### 100 METRE ARKANLYGYNA ÝÜZMEK

☑ Amerikaly suwda ýüzüji zenan Regan Smit 100 metr aralyga arkanlygyna ýüzmekde täze dünýä rekordyny goýdy. Üstünlik Günorta Koreýanyň Inçhon şäherinde geçirilen gysga suwda ýüzmek boýunça Dünýä kubogynyň ikinji tapgyrynda hasaba alyndy. 22 ýaşly Smit bu aralygy 54,41 sekuntda geçdi. Ol Awstraliýanyň çempionatynda 54,56 sekunt görkezijisi bilen rekord goýan Keýli Makkiounyň (Awstraliýa) netijesinden öňe geçdi. Regan Smit iki gezek Olimpiýa çempionydyr.

### ARKANLYGYNA BÖKMEK

☑ Halkara ýeňil atletika federasiýasy Pariž Olimpiadasynyň çempiony Ýaroslawa Maguçihiň 2024-nji ýylyň iýul aýynda goýan dünýä rekordy resmi taýdan tassyklanyldy. Federasiýa rekordyň ähli talaplara, şol sanda doping gözegçiligine we resminama düzgünlerine doly laýyk gelýändigini barlady. Kadalaryň bozulmagy ýüze çykarylmady we Parižde Almaz ligasynyň tapgyrynda 2,10 metr belentlige bir synanyşykda böken ukrainaly türgen beýiklige bökmek boýunça resmi dünýä rekordynyň eýesi boldy.

### WELOTREK ÝARYŞY

☑ Russiýaly Alina Lysenko welotregiň git görnüşi boýunça 500 metr aralygy birinji bolup geçdi we dünýä rekordyny täzeledi. Zenan türgeniň rekord görkezijisi Russiýanyň milli çempionatynda hasaba alyndy. Alina Lysenko bellenen aralygy geçmek üçin 26,750 sekunt netije görkezdi. Bu görkeziji 2016-njy ýylyň dekabrynda nemes türgeni Kristina Wogeliň (28.970) görkezen netijesinden üstün geldi. 21 ýaşly Lysenkonyň rekordy Halkara welosiped birleşigi (UCI) tarapyndan entek tassyklanmady. Şeýle-de bolsa bu görkeziji ony ýaryşyň sanawynda ilkinjileriniň hataryna çykardy. Maglumat hökmünde bellesek, Alina Lysenko sportuň bu görnüşi boýunça ýetginjekleriň arasynda üç gezek dünýä çempionydyr. Welotregiň git görnüşinde wagt bilen tizlik esasy zat hasaplanýar. Tizlige çalt ýetmek we bellenen aralygy ilkinji bolup geçmek türgen üçin şertdir.

### ÝEŇIL ATLETIKA BOÝUNÇA ÝARYM MARAFON

☑ Efiopiýaly ýeňil atletika türgeni Ýomif Kejelça 21,1 kilometr aralygy 57 minut 30 sekuntda geçip, dünýä rekordyny täzeledi. Şeýdip, ol 2021-nji ýylda şol bir aralygy 57 minut 31 sekuntda geçen ugandaly türgen Jeýkob Kiplimonyň gazanan netijesinden öňe geçdi. 27 ýaşly Kejelça 10 müň metr aralyga ylgamak boýunça dünýä çempionatynyň kümüş medalynyň eýesi bolup, şeýle-de üç müň metr aralyga ýapyk binalarda ylgamak boýunça iki gezek dünýä çempionydyr.

**Habar beriş serişdeleriniň maglumatlary esasynda taýýarlanyldy.**




# AK ÖÝLERIŇ ÝARAŞYGY

☑ Ene-mamalarymyzdan bize miras galan milli gymmatlyklarymyzyň biri-de türkmeniň keçe sungatydyr. Ençeme asyrlar bäri dowam edip gelýän bu inçe senet ýylsaýyn il arasynda öz gymmatyny barha artdyrýar. Türkmen gelin-gyzlary keçe basmak işiniň inçe syrlaryny ýitirmän, milli keçelerimizi täze öwüşgin bilen baýlaşdyrýarlar. Keçeleriň dürli görnüşleri bolup, olar häzirki günlerde hem gündelik durmuşda giňden ulanylýar. Goşma keçe, ýan keçe, ojakbaşy, tör keçe ýaly keçelere salynýan nagyşlar hem biri-birinden tapawutlydyr.

Pederlerimiz: «Keçe nagşy — öýüň kümşi» diýipdirler. Bu diýildigi arzyly önümiň öý-ojaklaryň iň bir naýbaşy zerurlykdygyny görkezýär. Çünki keçe goýnuň ýüňünden dokalyp, şol ýüňüň düzümindäki ýag adam bedeninde döreýän dürli ýokançlara garşy göreşmekde, sowuklama kesellerini bejermekde örän peýdalydyr. Keçe düşelen ýere ýylan, möý, içýän ýaly mör-möjekler hem gelmeýär. Hut şonuň üçin keçeler durmuşda dürli maksatlar üçin niýetlenendir. Çyglanylan keçe bölegi tomus paslynda sowuklygy saklamak maksady bilen süýt we gatyk salynýan gaplaryň, golçalaryň daşyna dolanýar. Aýaklary ýyly saklamak üçin bolsa keçe böleklerinden aýakgaplar üçin içlik kesilip ulanylýar. Gyş paslynda bolsa aýak, böwrek, bilagyry kesellerinden goranmak üçin öýlere keçe ýazylýar.

Häzirki wagtda gelin-gyzlarymyz ene-mamalarymyzdan miras galan bu sungatyň syrlaryny içgin öwrenip, kämilleşdirip gelýärler. Bu bolsa türkmen keçeçilik sungatynyň şan-şöhratyny dünýä ýaýýar.

**Roza TAŞPOLATOWA,**
**TMÝG-niň Köýtendag etrap Geňeşiniň buhgalteri.**



# NANOTEHNOLOGIÝA

☑ Geçen asyryň 90-njy ýyllaryndan başlap, dünýäde fizika, himiýa we inženerçilik ugurlaryndaky ylymlaryň üstünliklerine daýanan nanotehnologiýa «XXI asyryň tehnologiýasy» adyna eýe bolýar. Sebäbi nanotehnologiýany birnäçe döwletlerde täze bir tehnologiýanyň eýýamy hökmünde has-da içgin öwrenýärler. Ýakyn geljekde bir ýurduň nanotehnologiýadaky derejesi şol ýurduň güýjüniň görkezijisi bolar.

Nanotehnologiýanyň özi maddanyň atom we molekulýar derejede barlanmagy we üýtgedilip, işjeň ýagdaýa getirilmegidir. Bir nanometr bir metriň milliarddan bir ýa-da bir millimetriň milliondan bir bölegine deň gelýär. Umuman, 100 nanometr ýa-da ondan hem kiçi ölçegde maddanyň işlenilmegidir.

Nanotehnologiýanyň gün-günden ösmegi bilen durmuşymyza täsir edip biljek köpsanly işlere özüniň amatly täsirini ýetirýär. Nanotehnologiýa birnäçe ugurlary öz içine alýan bilim şahasydyr. Häzirki wagtda senagat, fizika, himiýa, biologiýa we elektronika ýaly ugurlarda alymlar nanotehnologiýa babatda ylmy-barlag işlerini alyp barýarlar.

Dünýäniň ösen ýurtlarynyň ählisinde bilimiň esasy merkezi bölegini tutýan, şeýle hem, dünýäniň her ýerine tiz ýaýraýan nanotehnologiýa häzirki wagtda ýurdumyzda hem giňden öwrenilýär. Nanotehnologiýa bilen bagly nazary bilimler bu ugra dahylly ýokary okuw jaýlarynyň birnäçesinde çuňlaşdyrylyp öwredilýär. Şeýlelik bilen, ýaşlar geljegi uly bolan nanotehnologiýa ulgamy bilen ýakyndan tanyş bolmaga we içgin öwrenmäge mümkinçilik alýarlar. Bu bolsa geljekki hünärmenleriň ýurdumyzyň ykdysady ösüşinde we senagat önümçiliginde aýratyn many-mazmuna eýe boljak nanotehnologiýa baradaky düşünjelerini artdyrmaga, kämil ylym binýadyna eýe bolmaga we bu babatda mynasyp goşantlaryny goşmaga ýardam edýär.

**Aýna GARAJANOWA,**
**Beki Seýtäkow adyndaky Mugallymçylyk mekdebiniň talyby.**

# BAGTLY ÝAŞLAR

☑ Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda her bir güni taryhyň altyn sahabyna uly şöhrat-şan bilen ýazyljak Watanymyzyň şanly, şuglaly günleri ajaýyp wakalardan püre-pür. Häzirki döwürde ýaşlaryň diňe bir eziz Watanymyzda däl, eýsem, daşary döwletleriň ýokary bilim ojaklarynda bilimlerini artdyrmaklary üçin hem doly şertler döredilýär. Maşgala gurýan ýaş çatynjalaryň durmuş şertleriniň gowulandyrylmagy ýaşlar barada amala aşyrylýan döwlet syýasatynyň dolulygyna iş ýüzünde amal edilýändigine subutnama bolup durýar.

Bu günki günde bagtyýar ýaşlarymyz ykdysadyýetiň ähli ugurlary bilen bir hatarda harby we hukuk goraýjy düzümlerinde hem halal zähmet çekip, ata Watanymyza, ene topragymyza ak ýürekden gulluk edýärler. Olaryň harby gulluklaryny pugta, birkemsiz ýerine ýetirmekleri üçin hem ähli şertler döredilýär. Bu bolsa ýaş harby gullukçylara döwlet derejesinde uly ähmiýet berlip, ähli tagallalaryň amala aşyrylýandygynyň subutnamasydyr.

Bu günki gün eşretli döwranyň hözirini görüp ýaşaýan ýaşlarymyz ata-babalarymyzyň beýik göreldesinden ugur alýarlar. Ilhalar ynsan, ussat mugallym, watançy esger Berdimuhamet Annaýewiň hem-de içeri işler edaralarynyň podpolkownigi Mälikguly Berdimuhamedowyň merdanalyk ömür ýoly watansöýüji ýaş nesillerimiz üçin ebedi hem müdimi görelde mekdebidir.

Ýaşlaryň ähli tarapdan goldanylýan, döwrebap mümkinçilikler döredilýän döwründe erkana ýaşadýan hem-de biz ýaşlara ähli ugurda nusgalyk mekdep bolýan Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, belent başlary aman bolsun!

**Parahat ŞAJYKOW,**
**Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugynyň Daşoguz welaýat gümrükhanasynyň harby gullukçysy, kapitan.**

# NAGYŞLY PÖKGI

☑ Çagalaryň oýnaýan oýnawaçlarynyň arasynda iň gowy görülýän oýnawaçlaryň biri hem pökgüdir. Häzirki döwürde pökgüleriň dürli görnüşleri öndürilýär. Rezinden, deriden öndürilen dürli görnüşdäki pökgülere her bir öýde duşmak bolýar. Ýöne meniň gürrüňini etjek bolýan pökgim ol pökgülere meňzemeýän mata pökgüler barada. Siz matadan tikilen pökgüler barada eşidip görüpmidiňiz? Dogry, häzirki günlerimizde bu barada ilki eşidenem, ýa duşanam birbada geň galsa gerek. Biz bu barada mekdebimiziň türkmen dili we edebiýaty mugallymy Bahar Annaşowadan eşitdik. Bahar mugallym ilki geçmişde ene-mamalarymyzyň tikinçilige, el işlerine gaty ökde bolandygy, bu gadymy hünäriň sungat derejesine ýetirilip, nesillerden-nesillere geçirilip gelnendigi barada, türkmen zenanlarynyň elleriniň zähmetinden, zehin-yhlasyndan dörän nepis el işlerine bütin dünýä ýüzüniň halklarynyň haýran galyp gelýändigi barada gürrüň berdi.

Bahar Annaşowa keşdeçilik sungaty, el işleriniň görnüşleri barada aýdyp bereninde, gürrüňiniň arasynda türkmen zenanlarynyň artansüýşen mata bölejiklerini hem yrýa etmän, olardan oglanjyklar üçin pökgüler tikendiklerini hem aýtdy. Şonda synpdaşlarymyzyň hemmesi diýen ýaly geň galdy. Mugallym bu barada giňişleýin gürrüň bermäge durdy. Gelin-gyzlar galyň matadan togalajyk pökgi şekilini taýýarlap, içini mata gyýkyndylaryndan doldurup, agzyny hem mäkäm tiker ekenler. Soňra matadan taýýarlanan pökgülerine öz göwünleriniň islän nagyşlaryny salyp, öz oglan doganlaryna sowgat beripdirler. Owadan hem galyň pökgi uzak wagt oýnalmaga hem oňaýly bolupdyr. Mugallym sözüniň soňunda «Matadan tikilen nagyşly pökgi barada öz obadaşymyz, Türkmenistanyň halk ýazyjysy Beki Seýtäkowyň meşhur «Doganlar» atly romanynda okap bilersiňiz» diýdi. Mugallymdan bu gürrüňi eşidenimden soňra şol kitaby tapyp, okamaga başladym. Kitapda: «Şu pökgini tikdirjek bolup, şuňa nagyş saldyrjak bolup, Durdymyrat jan bir gün onuň (Akjagülüň) başyna oýun salypdy. Men öýüň gapdalynda çaý içip otyrdym, hemmesini eşitdim. Durdymyrat aglap gördi, ýalbaryp gördi, urşup gördi. «Kakama aýdaryn» diýip gördi. Ol saçy kesilenem jykyr-jykyr gülüp, oglana azar berdi. Ahyry nagyş salyp bermegi boýun aldy. Birki günden soň Durdymyrat jan bu topuny alyp ýanyma geldi. Begençden ýaňa ýere-göge sygmaýardy. Bu şol pökgi! Bu şol! Köşejigimiň pökgüsi bi...» diýen bölejik bar eken. Ýazyjy bu uly göwrümli romanynyň şujagaz ýerinde geçmişde türkmen zenanlarynyň, gyzlaryň matadan pökgi tikendiklerini, ony nagyşlap owadanlandyklaryny, öz jigilerine sowgat berip begendirendiklerini beýan edipdir.

Geçmişde ene-mamalarymyzyň, zenanlarymyzyň el hünärleri astynda döredilen dürli görnüşli el işleri durşy bilen gymmatly miras, ol mirasy aýawly saklamak, yhlas bilen öwrenmek, dowam etdirmek bolsa biziň paýymyza düşýär.

Milli mirasymyzy, gadymdan gözbaş alýan köpdürli sungatymyzy öwrenmäge, dowam etmäge giň mümkinçilikler döredip berýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun!

**Çeper HALNAZAROWA,**
**Görogly etrabyndaky 29-njy orta mekdebiň 10-njy synp okuwçysy.**

Jeýms KLIR, amerikan ýazyjysy

# ATOM ENDIKLERI

## ATOM ÝALY KIÇIJIK ENDIKLERIŇ ÄGIRT ULY GÜÝJI BAR

**(Başlangyjy elektron žurnalymyzyň geçen (№43-44, 2024) sanlarynda.**




### ŞU KITABY NÄDIP WE NÄME ÜÇIN ÝAZDYM?

☑ Makalalarymy 2012-nji ýylyň noýabrynda «jamesclear.com» saýtynda çap etdirip başladym. Köp ýyl bäri endikler bilen edýän tejribe-synaglarym barada makalalar ýazýardym, iň soňunda synaglarymyň netijeleri bilen okyjylary tanyşdyrmagy makul bildim. Makalamy her hepdäniň duşenbe we penşenbe günleri çap etdirdim. Birnäçe aýdan soň bu ýönekeý endigim ilkinji müň okyjymyň peýda bolmagyna getirdi. 2013-nji ýylyň ahyrynda bolsa bu san otuz müňe ýetdi. 2014-nji ýylda okyjylarymyň sany 100 müňden geçdi, bu ony internet ulgamynyň iň çalt ösýän bölümçesiniň birine öwürdi. Iki ýyl öň internet ulgamynda bölümçe açyp işledip başlanymda, özümi özgäniň kesbini elinden alan ýaly duýýardym, ýöne indi endikler boýunça hünärmen hökmünde kem-kemden özümi tanadyp başladym. Bu, bir tarapdan, ýakymly duýgy döretse, beýleki bir tarapdan, oňaýsyzlyk döredýän täze kespdi. Hiç haçan özümi bu kärde hakyky hünärmen hasaplamandym, okyjylar bilen bile synag geçiren ýönekeý adamdym.

2015-nji ýylda okyjylarymyň sany 200 müňe ýetdi. «Penguin Random House» neşirýaty bilen şertnama baglaşyp, häzirki okaýan kitabyňyzyň üstünde işläp başladym. Okyjylarym bilen bir hatarda, mümkinçiliklerimem ösdi, işewürlik gatnaşyklarymam giňedi. Iri kompaniýalarda endikleriň emele gelmegi, özüňi alyp barşyň üýtgemegi we yzygiderli kämilleşmek barada umumy okuwlar bilen çykyş etmegi menden haýyş edip başladylar. ABŞ-da we Ýewropada geçirilýän ylmy maslahatlarda hem çykyş etdim.

2016-njy ýylda makalalarym «Time», «Enterpreneur» we «Forbes» ýaly meşhur neşirlerde yzygiderli çap edilip başlandy. Geň göräýmeli, ylmy eserlerimi bir ýylda sekiz milliondan gowrak adam okady. Milli futbol ligasynyň, Milli basketbol bileleşiginiň we Beýsboluň esasy ligasynyň tälimçileri makalalarymy okap, synlarym barada toparlarynyň agzalary bilen pikir alşyp başladylar.

2017-nji ýylyň başynda täze taslamam — Endikler akademiýasy öz işine başlady. Ol durmuşda we işde gowy endikleri kemala getirmäge ymtylýan kompaniýalardyr şahsyýetler üçin öňdebaryjy okuw ulgamyna öwrüldi. «Fortune Global 500» reýtinginiň sanawyna girýän kompaniýalaryň hem täze firmalaryň ýolbaşçylarydyr işgärleri bu akademiýa okuwa kabul edildi. Ony jemi on müňden gowrak ýolbaşçy, menejer, tälimçi we mugallym tamamlady, olar bilen işlemek bolsa meniň üçin endikleri durmuşa ornaşdyrmakda näçe tagallanyň gerek boljakdygy barada maglumatlar çeşmesine öwrüldi.

Şu kitaby ýazmagy tamamlaýan pursadym, «jamesclear.com» saýtyma aýda millionlarça adam girýär. Hepdelik habarnamamyň bäş ýüz müňden gowrak okyjysy bar. Bu garaşanymdan ep-esli köpdi. Bu taslama başlanymda beýle bolar öýdüp kelläme-de gelmändi.

### BU KITABYŇ NÄMÄ PEÝDASY DEGER?

☑ Işewür hem maýagoýujy Nawal Rawikantyň şeýle jümlesi bar: «Beýik kitap ýazmak üçin, ilki bilen, özüň şol kitaba öwrülmeli». Başda meni kitabymda beýan eden taglymatlarym ruhlandyrypdy, sebäbi olaryň dogrudygyna tejribäm bilen göz ýetiripdim. Şikesden soň saglygymy dikeltmek, beden maşklary zalynda netijeleri gazanmak, beýsbol oýnunda ýokary netijäni görkezmek, ýazyjy bolmak, üstünlikli işewürligi döretmek we kemala gelen akylly-başly adam bolmak üçin owunjak endiklere eýermeli boldum. Owunjak endikler maňa mümkinçiliklerimi iş ýüzüne geçirmäge kömek etdi. Şu kitaby okap, sizem arzuwlaryňyzy amala aşyrmak isleýänsiňiz.

Indiki sahypalarda sizi bir hepde ýa-da bir aý däl, eýsem, bütin ömrüňize ýoldaş bolup biljek gowy endikleri döretmek boýunça ädimleýin meýilnamam bilen tanyşdyraryn. Şu ýerde aýdylan zatlaryň ählisi ylmy taýdan esaslandyrylan hem bolsa, bu kitap ylmy iş däl. Muňa iş gözükdirijisi diýse bolar. Siz, ilkinji nobatda, endikleri nädip döretmelidigi, olary nädip üýtgetmelidigi barada düşnükli we elýeter bilimleri, iş maslahatlaryny alarsyňyz.

Kitaby ýazanymda peýdalanan ylymlarym — biologiýa, newrologiýa, filosofiýa, psihologiýa we beýlekiler köp ýyllardan bäri öwrenilýär. Dogrusy, okyjylaryma alymlaryň ýyllaryň dowamynda döreden taglymatlaryny we wajyp açyşlaryny durmuşa geçirmegi teklip edýärin. Men has manyly taglymatlary saýlap aldym we olary iş ýüzünde netijeli ulanmak üçin birleşdirdim. Şu kitaba girizilen gowy taglymatlaryň ählisi üçin menden öňkülere minnetdar bolmalysyňyz, bimany zatlaryň ählisini bolsa meniň ýalňyşlyklarym hasap edäýiň.

Kitabyň esasynda dört endik — höwes, isleg, garaýyş we oňyn netije, şularyň basgançakly nusgasy hem şondan gelip çykýan özüňi alyp barşyň özgerişleriniň dört kanuny ýatyr. Psihologiýa boýunça ýörite bilim alan okyjylaryma bu adalgalaryň birnäçesi tanyş bolsa gerek. Adalgalary ilkinji gezek 1930-njy ýylda B.F. Skinner teklip etdi we olar «signal — köneçillik — sylag» adalgasy bilen bilelikde Çarlz Dahiggiň «Endigiň güýji» kitabynda çap edilenden soň äşgär boldy.

Bihewiorist alymlar, şol sanda, Skinner eger sylagy ýa-da temmini dogry berip bolsa, onda adamy özüňi alyp barşyň haýsydyr bir usulyna eýermäge mejbur edip bolýandygyny aýdýarlar. Skinneriň ülňüsinde özüňi alyp barşa daşky höweslendirijileriň täsiri gowy düşündirilipdir, şeýle-de bolsa, onda özüňi alyp barşa oýlanmanyň, duýgynyň we ynamyň nähili täsir edýändigi hakdaky düşündiriş kemterlik edýär. Adamyň içki ýagdaýlary hem, mysal üçin, keýpi we duýgulary uly ähmiýete eýe. Soňky onýyllyklarda alymlar oýlaryň, duýgularyň we özüňi alyp barşyň arasynda arabaglanyşygyň bardygyna düşünip başladylar. Şu kitapda biz bu ylmy işleriň netijeleriniň üstünde durup geçeris.

Umuman aýdanymda, okyjylara akyl we özüňi alyp baryş babatda ylmy işleriň goşulyşan modelini hödürleýärin. Bu maddy höwesiň we gam-gussalaryň endiklere ýetirýän täsirini deň derejede göz öňünde tutýan özüňi alyp baryş ülňüleriniň ilkinjileriniň biridir. Beýan edişim biraz ýüzleý hem bolsa, ähli jikme-jiklikler, şeýle-de, özüňi alyp barşyň üýtgemeginiň dört kanunyny ulanmagyň usullary okyjylara endiklere düýbünden täzeçe garamalydygyny düşündirip biler diýip pikir edýärin.

**(Dowamy bar)**

**Terjime eden Kakamyrat GELDIÝEW.**

# ÇÖPLE, ÖWREN, PEÝDALAN!

☑ Döredijilik dünýäsinden dem alýan adamlaryň esasy häsiýetleriniň biri geçirijilik ukybydyr. Hemişe gözlegde bolmak. Gerek zadyňy göreniňde tanamak we oňa eýe çykmak. Şeýdibem, ony ile timarlap gaýdyp bermek.

Bir gezek şeýle boldy. Synpdaşlarymyzyň biri, ýagny Baýram ogul öýerip, kaşaň toý mekanynda toý tutdy. Elbetde, şatlanýanyň şatlygyny paýlaşmak hem parz işleriň biri. Aslynda, türkmen toýa uzak wagtlap taýýarlyk görýär. Çaganyň dünýä inen günlerinden onuň kämil adam bolup ýetişmeginiň her bir tapgyrynyň senelerini — diş çykan gününi, saçynyň gyrkylan gününi, sünnetlenen senesini, okuwa baran senesini, her ýylky doglan günlerini özboluşly toý şatlygy bilen bezemegi gowy görýär. Öz şatlyklaryny il bilen paýlaşmagy, toý desterhanynyň başyna üýşmegi bagt bilýär. Üstesine-de, toýuň tomaşalary.

Göwnüňi tansa galkyndyrýan göçgünli sazlarmydyr ruhuňy ganatlandyrýan şirinden-şirin eşidilýän aýdymlaryň ýakymly owazlary. Ep-esli wagtlap bir-birek bilen didarlaşmaga-da elimiz degmän ýören tanyşlarymyz bolup, toý saçagynyň degresinde jemlendik. Gadyrlydan gadyrly saglykamanlyk soraşdyk. Naz-nygmatlardan geregimizi edindik. Onsoň ikibir-ikibir gürrüňlere berildik. Şular ýaly şatlyk-şowhunly şagalaňlarda gowudan-gowy gürrüňlerem tapylyberýär. Şonda synpdaş zenanlaryň biriniň, has takygy, Hajygülüň ýoldaşy Mämmet bir gyzykly gürrüňiň üstünden bardy.

Söhbetimiz güýçli ýazyjylara, pähim-paýhasly şahyrlara syryganda Mämmet bilen aramyzda şeýleräk gürrüň boldy:

— Bilýäňmi, näme, Aşyrmät, men ýazyjam däl, şahyram däl. Ýöne parasatly sözleri «çöplemegi» gowy görýän, ynanýaňmy şuňa?

— Bu ýerde ynanyp-ynanmaz ýaly üýtgeşik zat ýog-a. Oňa her kimiň haky bar. Ol gaty gowy endik. Halkymyzda bir nakylam bar-a: «Duza gaçan duz bolar» diýip. Çöpleýäniň paýhas bolsa, paýhasly adam bolar gidiberersiň, özüň bilmezden. Ýöne meniň bir maslahatym bar, alsaň!

— Aýdybermeli maslahatyň bolsa.

— Sen olary ýygnamaly ekeniň bir ýere.

— Maslahatyň üçin gijä galan bolaýmasaň. Ýygnalmaýanyny näbilýäň. Ýygnamajak bolsaň çöplenmez-ä.

— Onsoň näme edýäň olary — ýygnanlaryňy?!

— Men bir uly ýandepder tutdum. Daşy kitap ýaly galyň.

— Aý, on-a oňarypsyň-aý, Mämmet!

— Adyna näme goýduň diý!

— Näme goýduň?!

— Men onuň daşyna uly harplar bilen «Ç», «Ö», «P» diýip ýazdym. Bilýäňmi, ol nämäni aňladýar?!

— Büçe bolanyna görä, aýdaýsana, Mämmet, indi!

— Bolýar, aýdaýyn «Ç» — çöple. «Ö» — öwren. «P» — peýdalan. Umuman aýdanyňda, «Çöple — öwren — peýdalan» bolýar-da. Niçik boljakmy bir zatlar?!

— Bolmanmy, beterem bolýar. Sen-ä uly iş — göreldelik iş edýän ekeniň. Indi menem bir zat aýdaýynmy, ýeri gelende?!

— Aýt, şahyr, aýt!

— Her kimiň «Ç.Ö.P»-i bolmaly
Dogrudan hem, her kimiň öz «Ç.Ö.P»-i bolmaly!

**Aşyrmät GARLY.**

# GYSGAJYK KYSSALAR

## KEBELEKLER WE OT

☑ Üç kebelek ýanýan şeme baryp, oduň tebigaty barada pikirlenip başlapdyrlar. Olaryň biri alawyň ýanyna baryp gaýdyp gelipdir we şeýle diýipdir:

— Ot ýagtylyk berýär.

Beýlekisi has golaý baryp, ganatyny ýakypdyr. Ol hem yzyna dolanyp gelip:

— Ol ýakýar! — diýipdir.

Üçünjisi bolsa, gaty golaý baryp, alawyň içinde ýitip gidipdir we yzyna dolanmandyr. Ol isleýän zadyny bilipdi, ýöne galanlaryna bu barada habar bermäge ýetişmedi.

Bilim alan adam ony beýan etmek mümkinçiliginden mahrum bolýar, şonuň üçin bilýän dymýar, aýdýan bolsa bilmeýär.

**Taýýarlan Firuza DOSÇANOWA,**
**Türkmen oba hojalyk institutynyň talyby.**

## SENIŇ ÖZ ÖLÇEGIŇ

☑ Bir garybyň aýaly ýag taýýarlap, ony adamsy bir dükana satýardy. Aýaly ýagy tegelek görnüşde, bir kilogramlyk halkajyklar edip bişirýärdi. Adamsy şol halkajyklary dükana satyp, öýi üçin gerekli zatlary alýardy.

Bir gün dükandaky satyjy satyn alýan ýagynyň agramyna şübhe edip, her halkajygy çekip gördi we olaryň diňe 900 gram agyrlyk edýändigini gördi. Ol garyba gaharlandy. Ertesi garyp onuň ýanyna gelende, satyjy gaharly ýagdaýda ony garşy aldy we şeýle diýdi:

— Men indi senden zat almaryn, sebäbi sen maňa ýag satanyňda bir kilogram diýip aýdýarsyň, emma ol bary-ýogy 900 gram agyrlyk edýär.

Şonda garyp başyny egip, gynanç bilen şeýle diýdi:

— Bizde, hormatly agasy, terezi ýok, ýöne men senden şeker satyn alyp, ony ýag çekmek üçin ölçeg edipdim.

Bilip goý, seni hem her zaman öz ölçegiň bilen ölçeýärler.

**Taýýarlan Nargila GENJIÝEWA,**
**Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň talyby.**

# WAGT ÝAZGYLARY

✓ Açylmadyk zehin uç çykarylmadyk galam ýalydyr.

✓ Sabyrlylyk wagta bildirilýän ynam. Wagt bolsa köplenç şol ynamy ödeýär.

✓ Biz sözi eşidýäris, ussatlar ony görýärler.

✓ Gepiň manysy sözlemiň içki dünýäsi bolsa, onuň äheňi daşky lybasydyr.

✓ Gepiň manysyndanam has beter onuň äheňine köpräk üns bermeli.

✓ Diýilmedik söz — atylmadyk ok.

✓ Niýet — kalbyň gündeligi.

✓ Ýüz tapan ýerime ýüz ýyl bararyn.

✓ Adamy arzuwyndan, ýurdy aýdymyndan tanarlar.

✓ Joşmak bir günüňe ýeter, galkynmak ömrüňe.

✓ Iň gowy esere galam degirmek bedene tyg degreniň bilen des-deňdir.

✓ Ýüregiň dört sany gapysy bar. Ol iki göz hem iki gulakdyr. Adamlar ol ýere diňe şol işikler arkaly girip bilýärler.

✓ Derýa öwrüminden giňär, adam göwnünden.

✓ Arassaçylyk — bu üstünlikdir.

✓ Hakyky poeziýa eserler ýazylmadyk kanunyň ýazylan maddalarydyr.

✓ Ynamsyz adam ysgynsyz hassa ýalydyr.

✓ Geljegi öňünden diňe ynam görüp bilýär.

✓ Aç didäni aş doýurmaz.

✓ Görüp bilmeýäne görip diýilýär.

✓ Durmuş ene däl, ejizläniňde ezizlär ýaly.

✓ Synagdan geçeni sylamaly bolýar.

**(Dowamy bar)**

**Guwanç SAPAROW.**

# ТВОРЧЕСКИЕ ПОИСКИ МАСТЕРА

В эру Возрождения новой эпохи могущества и процветания под чутким руководством Глубокоуважаемого Президента Туркменистана развивается изобразительное искусство страны.

Имя Овезмухаммета Мамметнурова известно уже больше полусотни лет. Ведь его обширное творчество стало выражением новых идей и замыслов, в котором раскрылся его многосторонний талант. Он сумел соединить в своем творчестве множество видов искусств, создав значительное количество художественных работ в разных жанрах и стилях.

Углубленное изучение истории и культуры туркмен наглядно продемонстрировано в творчестве Овезмухаммета Мамметнурова. Отдавая дань прошлому, мастер искусств создаёт прекрасные произведения.

В Туркменистане О. Мамметнуров является не просто художником, а также историком, знающим толк не только в искусстве, но и в долгой истории туркменского народа.

Историко-культурные памятники Туркменистана дарят художнику особое вдохновение. В картине 2013 года «Наследие Анауской мечети» воплощена мечеть Сейит Джемаледдин.

В картине 2015 года «Древний Мерв» туркменский живописец воссоздал все достояние историко-культурных памятников Марыйского велаята. Сам Древний Мерв – древний культурный центр Центральной Азии. О процветавшей здесь в прошлом культуре красноречиво свидетельствуют сохранившиеся достопримечательности.



Овезмухаммет Мамметнуров. Древний Мерв. 2015

Древнейший очаг цивилизации подарил миру высокие образцы искусства, зодчества, десятков ремёсел. Здесь в одной картине можно сразу увидеть мавзолей султана Санджара, мавзолей Мухаммеда ибн Зейда, мавзолей Асхабов и Большую Кыз-калу. Каждый историко-культурный памятник описан с точностью до мельчайших подробностей. Они реалистичны как фотопечать. Мастер, увлекаясь не только живописью, но и историей и культурой смог достоверно передать историческое веяние былых эпох. Расположение архитектурных памятников, их декоративное убранство и, главное, тщательная проработка каждой детали восхищает зрителя.

Творчество О. Мамметнурова демонстрирует не только его талант, но и его любовь к истории своего народа, а также приверженность к местным традициям. Так он отдает дань прошлому, которое он заново изучает и создает бессмертные произведения.

Эти исторические произведения никогда не потеряют свою ценность. Ведь в них заключена некая сила, которая учит, воспитывает и дает дальше жить.

В этом году «Кладезь разума Махтумкули Фраги» пройдёт выставка в честь 70-летия мастера Овезмухаммета Мамметнурова в музее изобразительных искусств Туркменистана. Художественная выставка наилучшим образом раскроет многосторонний талант юбиляра. Желаю искусному мастеру дальнейших творческих успехов и реализации поставленных задач в мире искусства!



Овезмухаммет Мамметнуров. Наследие Анауской мечети. 2013

**Селим РАСУЛОВ,**
**Студент Государственной академии художеств Туркменистана.**

# DILLER DÜNÝÄSINE SYÝAHAT

☑ **Daşary ýurt dillerini öwrenmegiň peýdalary köpdürlüdir. Birnäçe dili bilmek diňe bir şahsy ösüş we bilim taýdan peýdaly bolman, eýsem, jemgyýetde has täsirli gatnaşyk gurmak, işleýiş mümkinçiliklerini giňeltmek, şeýle-de medeniýetleri öwrenmek üçin ýollary açýar. Geliň, köp dil bilmegiň ähmiýeti, haýsy dili öwrenmegiň aňsatdygy ýa-da kyndygy dogrusynda pikir ýöredeliň!**

### MEDENIÝETE DÜŞÜNMEK

☑ Medeniýete düşünmek: Dil diňe bir sözlemler toplumyndan ybarat bolman, eýsem, her halkyň medeni mirasyny, däp-dessurlaryny we dünýägaraýşyny hem öz içine alýar. Bir dili öwrenmek arkaly, şol diliň medeniýeti barada has giňişleýin düşünje edinilýär. Mysal üçin, fransuz ýa-da ýapon dilini öwrenmek arkaly şol ýurtlaryň däp-dessurlaryna, edep-terbiýe we jemgyýetçilik gurluşlaryna düşünmek mümkinçiligi döreýär.

### AKYL ÖSÜŞI

☑ Köp dil öwrenmek beýniniň işjeňligini artdyrýar we logiki pikirleniş ukybyny güýçlendirýär. Birnäçe dil öwrenýän adamlar ýatda saklamak we maglumatlary çalt synag etmek ukyby boýunça ösen hasaplanylýar. Munuň esasynda olar diňe bir täze sözler däl, eýsem, täze pikirlere, täze medeniýetiň garaýyşlaryna hem düşünýärler.

### MÜMKINÇILIKLERIŇ ARTMAGY

☑ Dünýä iş bazarynda köp dil bilýän işgärler talap edilýär. Müşderileriň ýa-da işewür hyzmatdaşlaryň dillerinde aragatnaşyk gurup bilmek kompaniýalaryň işini ýeňilleşdirýär. Iňlis, fransuz, ispan, hytaý we arap dillerini bilmek halkara söwdada ýa-da tehnologiýa pudagynda işe girmäge, iş ýüzünde aragatnaşyk gurmaga we ösüş gazanmaga kömek edýär.

### SYÝAHAT ETMEK

☑ Bir ýurduň dilini öwrenmek, şol ýurda syýahat edilende adamlaryň kömegini almakdan başlap, ýerli ýaşaýjylaryň durmuşy bilen tanşyp, täze dostluklar gurmak mümkinçiliklerini döredýär. Şonuň üçin bir dili öwrenmek täze ýurtlary öwrenmäge höwes döredýär. Köp dil öwrenýänler wagtyň geçmegi bilen çalt öwrenmek we täze maglumatlary ýatda saklamak ukyplaryny ösdürýärler. Dil öwrenmek beýni üçin deňeşdirip boljak maglumatlaryň köpelmegine, şol bir wagtyň özünde ýatda saklamaga hem ýardam berýär.

**Aýlar BAÝRAMMYRADOWA,**
**Magtymguly adyndaky TDU-nyň daşary ýurt edebiýaty kafedrasynyň mugallymy.**




---

☑ Bilim ulgamy has-da kämilleşdirilip, ýurdumyzda bilim bermegiň ähli basgançaklarynda, ylaýta-da, daşary ýurt dillerini öwretmekde okuw-usulyýet ugry barha giň gerimde ösdürilýär. Ýaşlaryň mekdeplerde 12 ýyl bilim alandan soň, üç dili — türkmen, rus we iňlis dillerini suwara bilmekliginiň hökmanydygy öňe sürülýär. Şeýle-de bu babatda alnyp barylýan asylly çäreleri diňe bir orta mekdeplerde däl, ýokary okuw mekdeplerinde hem ýokary derejede alnyp barylýar. Munuň özi dünýä medeniýetinden habarly, giň gözýetimli, milli tejribeleriň halkara tejribeleri bilen sazlaşýan döwründe bu ugurdan ukyby bolan ýaşlaryň sanynyň barha artmagyna ýakyndan ýardam berýär.

Dünýä dillerini öwrenmek diňe bir bilim ulgamyndaky hünärmänlere degişli bolman, eýsem ähli ugurlarda bilim alýan ýaşlara we zähmet çekýän dürli ýaşdaky hünärmenlere hem degişlidir. Dünýä bilen aýakdaş gitmeli döwürde, bilimiň we kompýuter tehnologiýalarynyň kämilleşýän döwründe dünýä dillerini öwrenmek zerurlygy ýüze çykýar. Şu nukdaýnazardan, olary çuňňur öwrenmekde ýurduň geljegi bolup, uly ynam bildirilýän ýaşlara aýratyn orun degişlidir.

Dil bilen — dünýäni gezer. Dil — dünýä derwezesiniň açary. Bu derwezäniň giňden açylmagy dünýä medeniýeti bilen tanyş bolmaga we ony aýdyň öwrenmäge ýardam berýär. Bu bolsa, gönüden-göni dünýä tejribesini öwrenmegiň zerur bolup durýan döwründe has-da möhümdir.

Gahryman Prezidentimiziň baştutanlygynda öňe barýan eziz Diýarymyz ähli ugurlarda ägirt uly ösüşleri başdan geçirýär. Şeýle gurşawyň türkmen ýaşlarynyň kämil bolup ýetişmeklerinde uly ähmiýeti bardyr. Özleri hakynda edilýän aladalara oňat düşünýän ýaşlar umumy bir maksada, ýagny okamaga, öwrenmäge, saýlap alan ugrundan kämilleşmäge we ata Watanymyzyň okgunly ösüşlerine mynasyp goşant goşmaga erjellik we yhlaslylyk bilen ymtylýarlar. Bu babatda döredilýän ähli mümkinçilikler üçin ýaşlaryň Gahryman Prezidentimize hoşallyklary bimöçberdir.

**Umyt BAÝRAMALYÝEWA,**
**Beki Seýtäkow adyndaky Mugallymçylyk mekdebiniň türkmen dili we edebiýaty mugallymy.**

---

☑ Kyn öwrenilýän diller köp ýagdaýda daşary ýurtlularyň az öwrenýän dilleridir. Muňa birnäçe sebäpler bar:

**Grammatiki çylşyrymlylyk:** Hytaý, ýapon, arap dilleriniň grammatiki gurluşy örän çylşyrymlydyr we ene dili hökmünde latyn esasly dil bilen ösmedik biri üçin bu dilleri öwrenmek kyndyr. Hytaý dilinde ýüzlerçe ierarhiki ton we çylşyrymly hieroglif gurluş bar, bu bolsa ony çylşyrymly edýär.

**Elipbiýiň tanyş däl bolmagy:** Rus dili ýa-da arap dili latyn elipbiýinden tapawutlanýar, şonuň üçin olaryň harplaryny öwrenmek köp adam üçin wagt talap edýär. Şeýle hem, sözleriň birleşiş düzgüni we yzygiderliligi dürli medeniýetiň aňlatma aýratynlyklary bilen baglylykda üýtgäp bilýär.

**Ton ulgamynyň barlygy:** Hytaý dili we beýleki käbir Aziýa dillerinde ton ulgamy bar. Bu dillerde bir söz dürli sesde aýdylanda dürli manylara eýe bolýar. Şeýle hem, ýerli medeniýetlerde dürli tonlaryň ulanylyşy dil öwrenýänleriň düşünmegini kynlaşdyrýar.

**Medeniýetleriň we çuň manylaryň köp bolmagy:** Ýapon ýa-da arap ýaly käbir dillerde düşünjeler diňe sözlemler bilen däl, eýsem, medeni aňlatmalar we däp-dessurlar bilen baglanyşyklydyr. Munuň özi dilleri öwrenýänleriň şol dile we şol medeniýete giňişleýin düşünmegini talap edýär.

Dünýäniň islendik dili özüne mahsus aýratynlyklary bilen aýratyn çeperdir we çylşyrymdyr. Köp dil bilmek şahsy taýdan kämilleşmekden başlap, halkara gatnaşykda ýeňillik gazanmaga we professional mümkinçilikleri giňeltmäge mümkinçilik döredýär. Kyn ýa-da aňsat öwrenilmegi diňe öwrenijiniň dil, medeniýet we ene dili bilen gatnaşygyna bagly bolup, olaryň dowamly we yzygiderli tejribesi netijesinde üstünlik gazanylýar. Dilleriň aýratynlyklaryna we köpdürlüligine düşünmek bilen, dil öwrenmek ýollarynyň hemmeler üçin peýdaly we kämilleşdiriji bolmagy mümkindir.

**Begenç MERETKLYÇEW,**
**Türkmen oba hojalyk institutynyň mugallymy.**

# BU ÝURTLARDA HIÇ KIM ÜŞEMEÝÄR

☑ **Dünýä ýurtlarynyň hersiniň özüne mahsus tebigy gurşawy we howa guşaklygy bar. Käbir ýurtda birnäçe howa guşaklygy (ekwatorial, subekwatorial, tropik, subtropik, aram, arktika, subarktika) bar bolsa, käbiri şol bir howa guşaklygynda ýerleşýär. Ýurtlary howa şertine görä, sowuk, yssy, gurak, ýagynly, ýelli ýurtlar ýaly toparlara bölmek mümkin. Käbir ýurtda hiç wagt yssy bolmaýan bolsa, käbirinde ýylyň dowamynda ýekeje gezegem gar ýagmaýar. Yssy ýurtlar adyny alan Puerto-Riko, Wanuatu, Wirgin adalary, Guam, Müsür ýaly ýurtlarda hiç wagt sowuk bolmaýar. Hatda bu ýurtlaryň ýaşaýjylary sowuk howa diýen düşünjäni ýatdan çykarypdyrlar. Biz bolsa gyş paslynyň ýakynlamagyny göz öňünde tutup, sizi dünýädäki iň yssy ýurtlar, has dogrusy, gyş paslynyň tomusa meňzeýän ýurtlary bilen tanyşdyrmagy makul bildik.**

**Puerto-Riko.** Sowukda ýaşaýan käbir adamlar garsyz ýurtda ýaşamagy arzuw edýärler. Puerto-Riko arzuwlaryň hasyl bolýan yssy ýurtlaryň biri bolup, ýylyň dowamynda ýekeje gezegem gar ýagmaýar. Ekwator çyzygyna ýakynlygy sebäpli, Karib deňzinde ýerleşýän bu ýurda Gün şöhlesi dik düşýär. Puerto-Rikoda iň sowuk aýlar ýanwar-fewral aýlary bolup, howanyň temperaturasy 19-20 derejeden peselmeýär. Puerto-Rikonyň merkezi şäheri San-Huan bolup, El-Morro kenarýaka galasy, San-Huan milli taryhy ýadygärligi, San-Kristobal galasy ýurduň meşhur ýerleri hasaplanýar. Tutýan meýdany 13 müň 791 inedördül kilometre barabar ýurduň 3,5 million töweregi ilaty bar. Syýahatçylyk babatda ösen ýerleriň biri hasaplanýan Puerto-Riko her ýyl 5 milliondan gowrak syýahatçy barýar.

**Wanuatu.** Maglumatlara görä, Wanuatunyň taryhynda hiç wagt gar ýagmandyr. 12 müň 189 inedördül kilometr meýdany bolan bu ýurt owadan kenarlary, tropik howasy we işjeň wulkanlary bilen meşhurdyr. Syýahatçylyk babatda ösen ýurtda ekerançylyk esasy orny eýeläp, kakao we et önümlerini eksport etmekde öňdäki orunlarda durýar. Gyşsyz ýurda her ýyl 80 müňden gowrak syýahatçy barýar. Wanuatunyň paýtagt şäheri Port-Wila bolup, Şampan kenary, Müňýyllyk gowagy, Ýasur dagy we Ýasur wulkany ýurduň meşhur ýerleri hasaplanýar.

**Wirgin adalary.** Tomus paslynyň gelmegi bilen ada ýurdunda howanyň gyzgynlygy 47 derejä çenli ýetýär. Wirgin adalarynyň iň yssy bölegi Keramatly Tomas adasy bolup, bu ýerde howanyň ortaça temperaturasy 30 derejede saklanýar. Karib deňzi bilen Atlantik ummanynyň araçäginde ýerleşýän Wirgin adalarynda hem hiç wagt gar ýagmandyr. Gyş pasly ýurtda howanyň salkynlaýan möwsümi hasaplanyp, temperatura 27 derejeden pese düşmeýär. 346 müň 36 inedördül kilometr meýdany tutýan ada ýurdunyň paýtagty Şarlotta-Amaliýa şäheri bolup, Magens aýlagy we Trank Beý dynç alyş kenary Wirgin adalarynyň meşhur ýerleri hasaplanýar.

**Guam.** Ekwatora has ýakyn ýerleşendigi üçin bu ýurtda howanyň temperaturasy hem has ýokary. Ýuwaş ummanynyň kenaryndaky bu ýurda hiç wagt gar ýagmandyr. Guamda iň sowuk howa 21 dereje bolup, bu ýagdaý hemmäni geň galdyrýar. Dünýäniň has yssy ýurdy hasaplanýan Guamyň tutýan meýdany 549 inedördül kilometr bolup, paýtagty Hagatna şäheridir. Kiçijik ada ýurduna her ýyl 200 müňden gowrak syýahatçy barýar. Tumon kenary, Çamorro obasy ýurduň meşhur ýerleri hasaplanýar.

**Müsür.** 90 göterimi çöller bilen gurşalan gurak howaly Müsürde tomsuna howanyň gyzgynlygy 50 derejeden pese düşmeýär. Demirgazyk-Gündogar Afrika ýurdunyň paýtagty Kair şäheri bolup, Han al-Halili bazary, Giza piramidalary, Merýemiň mukaddes buthanasy (Asma buthana) we Uly Sfikis heýkeli ýurduň meşhur ýerleridir.

**Internet maglumatlary esasynda taýýarlan**
**Ogulşat AMANDURDYÝEWA,**
**Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň talyby.**

# ПРОСЛУШИВАНИЕ МУЗЫКИ

## ПОМОГЛО ПАЦИЕНТАМ БЫСТРЕЕ ВОССТАНОВИТЬСЯ ПОСЛЕ ХИРУРГИЧЕСКИХ ОПЕРАЦИЙ

☑ Американские ученые проанализировали несколько десятков работ, посвященных теме позитивного влияния музыки на процесс восстановления пациентов после оперативного вмешательства.

Материалами для исследования послужили 35 публикаций, которые специалисты из медицинского колледжа при Калифорнийском университете Нортстейт в Элк-Гроуве выбрали из более чем 3700 статей.

В результате была выявлена зависимость между прослушиванием музыкальных композиций и снижением уровня тревоги, интенсивности болевых ощущений и количеством применяемых обезболивающих средств. Положительный эффект в виде снижения болевых ощущений проявлялся буквально на следующий день после прослушивания музыки. У людей, которые практиковали музыкальную терапию, снижался уровень тревожности (примерно на 3%), отмечалась нормализация частоты пульса, а также им требовалось более чем в два раза меньше морфина, чем тем, кто не лечился с помощью музыки. Ученые также зафиксировали снижение у пациентов уровня кортизола после того, как они прослушивали музыку, сообщает издание Medicalxpress.

«Когда пациенты приходят в себя после хирургического вмешательства, они иногда испытывают страх или не понимают, где находятся. Музыка способна облегчить этот переход и уменьшить сопутствующий ему стресс. <...> Музыка успокаивает и создает ощущение, что вы в знакомом месте», – прокомментировали авторы исследования полученные результаты.

**Подготовила Арзыгул**
**ГАРАДЖАЕВА,**
**студентка ТСХУ им. С.А.Ниязова.**

**Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komiteti**

**«7/24.tm» — «Türkmenistan Sport» halkara žurnalynyň hepdelik elektron goşundysy.**

**Salgysy: Aşgabat, Saparmyrat Türkmenbaşy şaýoly, 54.**

**Telefon: +99312 22-81-38**
**Faks: +99312 22-77-03**
**e-mail: turkmenistansport@sanly.tm**

**A-115087**

**Žurnaly elektron görnüşde «turkmenmetbugat.gov.tm» internet sahypasyndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz.**

**Hojaberdi Apbaýewiň ýolbaşçylygyndaky «Türkmenistan Sport» halkara žurnalynyň döredijilik topary tarapyndan taýýarlanyldy.**

**1-nji sahabyň bezegini ýerine ýetiren Abdyrahman ROWŞENOW.**

## ТРОПА ЗДОРОВЬЯ В ТУРКМЕНИСТАНЕ

☑ Тропа здоровья «Saglyk ýoly» – пешеходная дорожка в предгорьях и горах хребта Копетдаг. Она протянулась в южных окрестностях Ашхабада — столицы Туркменистана более чем на три десятка километров. Лента тропы имеет бетонное покрытие и ступени на крутых участках. Самая высокая точка маршрута достигает отметки свыше тысячи метров над уровнем моря.

Из парка у начала Тропы здоровья открывается великолепный вид на горы. Здесь смоделированы горная речка, озера и водопады с каменистых склонов. Сюда приезжают семьями. Тропа освещена на всем протяжении, что располагает к вечерним прогулкам.

А с самого пешеходного маршрута можно увидеть эффектные панорамы Ашхабада. Окрестные пейзажи лучше всего наблюдать из беседок. Их купола возвышаются на скальных выступах в живописных местах тропы.

Первый участок Тропы здоровья «Saglyk ýoly» в восемь километров был открыт 2 января 2000 года. Этот самый популярный восьмикилометровый участок пролёг по гребню хребта Гиндивар, скалистой стеной поднимающемуся над окрестностями.

Под сенью сосновых деревьев вы заберётесь на высоту в 760 метров над уровнем моря. Этот участок был украшен скульптурными инсталляциями, рассказывающих о природе гор и жизни их обитателей.

Если решите посетить восточный участок Тропы здоровья «Saglyk ýoly», запаситесь временем. Будьте готовы подняться на высоту в 1040 метров над уровнем моря, оказаться у беломраморной башни телецентра «Туркменистан». Она внесена в Книгу рекордов Гиннеса, благодаря самому крупному в мире изображению звезды в архитектурном ансамбле .

Благодаря разнообразию участков и рельефа Тропа здоровья интересна людям всех возрастов и спортивных кондиций.

Тропа стала туристическим брендом Ашхабада. Здесь возможно познакомится с горами за считанные часы, не покидая пределов туркменской столицы. Кстати, свои Тропы здоровья есть и в велаятских центрах Туркменистана, а также городах и поселках, располагающихся в горной местности.

**Подготовил Даянч АМАНМЫРАДОВ,**
**преподаватель ТСХУ им. С.А.Ниязова.**

## ТРОПА ЗДОРОВЬЯ В ХАЙДЕНЕ

☑ Ландшафт Хайдена как нельзя лучше подходит для проложенной здесь тропы здоровья. В этом месте вы по-настоящему сможете ощутить тесную связь природы и медицины. В нашем беспокойном и технологичном мире человек недостаточно заботится о своем теле, в котором все так удивительно взаимосвязано. Совершите прогулку по тропе среди трав и убедитесь в том, что лучшие лекарства для нашего тела создает природа.

На каждом шагу тропы здоровья вы встретите лечебные травы. Кроме того, немало пользы принесут вашему здоровью вода, воздух и солнечный свет. Испытайте благотворное действие родниковой воды в ванночке для рук или пройдите босиком по лугу. Посетите комплекс Bad Unterrechstein, где в саду представлены собранные со всего мира ценные лекарственные растения, и обязательно попробуйте воду из природного серного источника.

Вдоль тропы установлено около 80 информационных щитов, рассказывающих о различных лекарственных растениях и способах их лечебного применения. В туристическом бюро в Хайдене можно получить специальную брошюру о тропе здоровья.

**www.myswitzerland.com**

## ОЗДОРОВИТЕЛЬНАЯ ТРОПА

☑ Оздоровительная тропа представляет собой кольцевой курс, на котором примерно через каждые 200 метров находятся простые и надёжные спортивные снаряды. Идея возникла в Швейцарии, где подобные маршруты известны под названием Витапарку . В Австрии распространено название Лесная миля.

Первая оздоровительная тропа Германии была установлена в 1962 в Мюнстере (дорожка капель пота). Оздоровительные тропы возникали начиная с 1970-х годов в ходе оздоровительного движения.

Приблизительно на трёх-четырёх километровой тропе находятся около 20 снарядов, как например, штанги для подтягивания или пеньки для прыжков через козла – часто вместе с табличкой с пояснением к упражнению.

Оздоровительные тропы имеют, помимо собственного маршрута, также ряд других, простых тренажеров. Так, например перекладины из дерева, деревянные столбы в земле, деревянные брусья и т. д. Целью является ограничить использование посторонних предметов в лесу или парке, но при этом предоставить много и не слишком изнуряющих тренировочных методик.

В основном оздоровительные тропы, а так же Витапаркуры охраняются и управляются соответствующим городом или общиной, спортивными организациями или обществом содействия развитию туризма.

После пика в конце 1970-х годов существующие оздоровительные тропы были заброшены во многих муниципалитетах. В Мюнхене в октябре 2001 года открылся 4Fcircle-Витапаркур

**www.visitparnu.com**

# DIŇE LIFT BARADA

Adamzat taryhynda iň gowy oýlap tapyşlaryň biri bolan lift geçmiş bilen täze döwrüň tehnologiýasyny birleşdirýär. Liftiň döwrebaplygy we bu enjamyň häsiýetli aýratynlyklary ýylyň-ýylyna ösdürilýär, täzeçe görnüşde işlenip düzülýär. liftdäki aýratynlyklaryň biri hem ýolagçylara niýetlenen ýüz görülýän aýnanyň bolmagydyr. Eýsem, näme üçin ýokarky gatlara adamlary we ýükleri daşaýan bu enjamda aýna goýulýarka?

Köpimiz lifte girenimizde bu enjamyň diwaryndaky aýna seredýäris, saçymyza timar berýäris, üst-başymyzy düzedýäris. Ýöne liftdäki aýna bu sebäplere görä goýulmandyr.

Käbir adamda ýapyk we dar ýere girende, garaňkyda, uçarda, metroda gorky alamatlary peýda bolýar. Bu gorky «Kaustrofobiýa» diýlip atlandyrylýar. Klaustrofobiýadan ejir çekýän adamlar lifte münmekden, ötüge girmekden, otly ýa-da metro bilen bir ýere gitmekden gaça durýarlar. Liftiň gapysynyň açylanda gijikmegi, liftiň çyrasynyň öçmegi klaustrofobiýa gorkusyny has-da güýçlendirýär.

1950-nji ýylda liftiň tizligi we içki bezegi kämilleşdirilip, häzirki görnüşe getirilýär. Öň haýal hereket edýän liftler indi binanyň ýokarky gatyna derrew barmaga mümkinçilik berýär. Inženerler dar ýerde birnäçe minutlap köpçüligiň içgysgynç ýagdaýda gitmezliginiň öňüni almak üçin liftiň diwarlarynda aýna goýmaly diýen karara gelýärler. Tizliginiň ýokarlanmagy we aýna goýulmagy «öý ulagynda» ýetilen iň gowy çözgüt hasaplanýar. Käbir liftiň içinde ýekeje aýna bar bolsa, käbiriniň içi tutuşlygyna aýna bilen örtülýär. Aýna liftiň içini giň görkezip, has köp ýolagçy barýan ýaly duýgyny başdan geçirmäge, ünsi sowmaga mümkinçilik berýär. Soňky ýyllarda söwda merkezlerinde ulanylýan liftleriň köpüsiniň gabarasy aňyrsy görünýän aýnadan ýasalyp, ýolagçylaryň daş-töweregi synlap gitmegine şert döredýär. Umuman, liftdäki aýna adamyň özüni rahat we howpsuz duýmagyna, üst-başyna serenjam bermegine ýardam edýär.

**Ogulhan ÖRÄÝEWA,**
**Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň talyby.**

# СЕНСАЦИОННЫЙ «ЗОЛОТОЙ МЯЧ»

☑ Сенсация! «Золотой мяч»-2024 завоевал испанский полузащитник «Манчестер Сити» Родри! Кто бы мог подумать, учитывая, что ещё за несколько часов до начала церемонии все поздравляли бразильского нападающего «Реала» Винисиуса Жуниора. «Золотой мяч» ежегодно вручается «France Football» с 1956 года. Вручение 68-й по счёту престижнейшей награды состоялось 28 октября в грандиозном парижском театре Шатле.

В список номинантов в 2024 году вошли 30 футболистов. Впервые «Золотой мяч» был вручён совместно с УЕФА. С 2010 по 2015 год приз вручался журналом «France Football» совместно с ФИФА. С 2016 года вручаются две награды – по версии издания и по версии ФИФА, награда лучшему игроку по версии ФИФА также вручалась с 1991 по 2009 год. Обладателем «Золотого мяча» в 2023 году стал аргентинский нападающий клуба MLS «Интер Майами» Лионель Месси, у которого в активе восемь таких призов. Впервые с 2003 года в списке претендентов на получение награды не было ни Месси, ни Криштиану Роналду. Но и без них хватало интриг и скандалов.

Совершенно неожиданным образом зародилась интрига в борьбе за «Золотой мяч»-2024. Изначально не было никаких сомнений, что награду получит бразильский нападающий «Реала» Винисиус Жуниор. Казалось бы, в сезоне-2023/24 Винисиус Жуниор вместе с «Реалом» выиграл чемпионат и Суперкубок Испании, а также стал победителем Лиги чемпионов. Бразилец оказался лучшим бомбардиром команды с 24 голами во всех турнирах. Сборная Бразилии, за которую выступает нападающий, завершила Кубок Америки 2024 года на стадии 1/4 финала, уступив уругвайцам (0:0, 2:4 по пенальти). Вроде бы неплохой послужной список для получения «Золотого мяча», но... Оказывается не стоило забывать о Родри. Он стал первым с 1960 года испанцем, получившим «Золотой мяч». Тогда награды удостоился полузащитник Луис Суарес. Родри выступает за «Манчестер Сити» с 2019 года, ранее он играл за испанские «Атлетико» и «Вильярреал», футболист является четырёхкратным чемпионом Англии, обладателем Кубка Англии, победителем Лиги чемпионов, Суперкубка УЕФА и клубного чемпионата мира. В составе сборной Испании он также выиграл Лигу наций сезона-2022/23 и стал бронзовым призёром чемпионата Европы (2021). Ну а в сезоне-2023/24 Родри стал чемпионом Европы и был признан лучшим игроком турнира. В составе «Манчестер Сити» испанец выиграл чемпионат Англии. Оказалось, что эти достижения перевешивают результаты Винисиуса Жуниора.

Лучшим тренером сезона стал Карло Анчелотти, а другими претендентами были: Хаби Алонсо (Испания, «Байер»), Луис де ла Фуэнте (Испания, сборная Испании), Джан Пьеро Гасперини (Италия, «Аталанта»), Хосеп Гвардиола (Испания, «Манчестер Сити»), Лионель Скалони (Аргентина, сборная Аргентины).

По поводу других номинаций. Лучшим вратарём сезона во второй раз подряд стал голкипер английского клуба «Астон Вилла» Эмилиано Мартинес. В составе сборной Аргентины он в 2024 году во второй раз стал обладателем Кубка Америки. Также он является чемпионом мира 2022 года. Второе место в голосовании занял испанский вратарь «Атлетико» Унаи Симон, который стал чемпионом Европы. Третьим стал украинский голкипер «Реала» Андрей Лунин. Вратарь сборной Грузии и испанской «Валенсии» Георгий Мамардашвили занял седьмую строчку. Напомним, что издание «France Football» учредило эту премию в сентябре 2019 года. Приз получил имя Яшина, который остаётся единственным вратарём в истории, сумевшим завоевать «Золотой мяч», это случилось в 1963 году. Обладателями награды становились бразилец Алиссон, итальянец Джанлуиджи Доннарумма и бельгиец Тибо Куртуа, в 2020 году награда не вручалась.

Лучший молодой игрок получил трофей имени Раймона Копа – обладателя «Золотого мяча» 1958 года. Им стал Ямин Ламаль из «Барселоны» и сборной Испании. Другими претендентами на награду были: Пау Кубарси (Испания, «Барселона»); Алехандро Гарначо (Аргентина, «Манчестер Юнайтед»); Арда Гюлер (Турция, «Реал»); Карим Конате (Кот-д`Ивуар, «Зальцбург»); Кобби Мейну (Англия, «Манчестер Юнайтед»); Жоау Невеш (Португалия, «Бенфика»/«Пари Сен-Жермен»); Савиньо (Бразилия, «Жирона»/»Манчестер Сити»); Матис Тель (Франция, «Бавария») и Уоррен Заир-Эмери (Франция, «Пари Сен-Жермен»).



Призом Герда Мюллера - обладателя «Золотого мяча» 1970 года - был награждён лучший нападающий. Эту награду вручают лучшему бомбардиру прошлого сезона в европейских топ-лигах. Приз разделили англичанин Харри Кейн из «Баварии» и француз Килиан Мбаппе, который ранее выступал за «Пари Сен-Жермен», а сейчас является игроком мадридского «Реала».

Ну а мадридский «Реал» на этом мероприятии был признан лучшим клубом года. В сезоне-2023/24 «Королевский клуб» выиграл чемпионат Испании, Суперкубок страны и Лигу чемпионов. На награду также претендовали «Манчестер Сити», «Байер», «Боруссия» (Дортмунд) и «Жирона».

Что же касается великолепного Родри, то он на церемонию прибыл на костылях, так как восстанавливается после серьёзной травмы колена. Какова же была его радость, когда он поднялся на сцену. Мало кто ожидал, что премию получит именно он. Все ждали Винисиуса Жуниора, а многие по-прежнему считают, что «Золотой мяч» таким решением полностью дискредитировал себя. Что ж... Так или иначе, а Родри – достойный обладатель трофея. На его счету огромное количество титулов как на клубном уровне, так и в составах различных сборных Испании. 28-летний опорный полузащитник уж точно заслуживает такое признание. Не всегда же выигрывать «Золотые мячи» нападающим.

«Золотой мяч» был учреждён бывшим главным редактором «France Football» Габриэлем Ано. Впервые награда была вручена в 1956 году форварду английского «Блэкпула» Стэнли Мэттьюзу, лауреата приза определяли футбольные журналисты. Первоначально на «Золотой мяч» могли претендовать только европейские футболисты, с 1995 года приз стал вручаться игрокам любой национальности, единственное условие - футболист должен выступать за европейский клуб. С 2007 года обладателем трофея может стать любой игрок.